TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– MILLI MANADYMYZYŇ DOLANYŞYGA GIRIZILMEGI YKDYSADYÝETIMIZIŇ SAZLAŞYKLY ÖSMEGI, KADALY PUL DOLANYŞYGYNYŇ WE ÝEKE-TÄK DÖWLET PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ NETIJELI ALNYP BARYLMAGY ÜÇIN ZERUR BOLAN AMATLY ŞERTLERI DÖRETDI.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
1-nji noýabr, 2024. Belgisi 44/1610

# IKITARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR



30-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň rus böleginiň başlygy Alekseý Owerçugy kabul etdi.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, döwlet Baştutanymyza, şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň, RF-niň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustiniň mähirli salamyny, türkmen halkyna abadançylyk, gülläp ösüş hakyndaky arzuwlaryny ýetirdi. Şunuň bilen birlikde, Russiýanyň Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklara ygrarlydygy tassyklanyldy.

Hormatly Prezidentimiz myhmany mübärekläp, öz gezeginde, Russiýa Federasiýasynyň ýolbaşçylaryna mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de döwletara hyzmatdaşlygyň strategik häsiýete eýedigini nygtady. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Türkmenistan oňyn Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasaty durmuşa geçirip, Russiýa bilen köpugurly görnüşde, abraýly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz RF-niň Tatarystan Respublikasynyň paýtagtynda geçirilen XVI BRICS sammitiniň ýokary derejesini we ähmiýetini belläp, onuň döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin açyk meýdança bolandygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasarynyň Aşgabada şu gezekki saparynyň iki ýurduň arasyndaky yzygiderli hökümetara dialogy berkitmekdäki ähmiýetine ünsi çekip, onuň türkmen kärdeşleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ilerletmäge gönükdirilen gepleşikleriniň netijeli geçmegini arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meseleleri barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Şunda dostluk, ynanyşmak, deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýan türkmen-rus gatnaşyklarynyň häzirki döwürde ähli ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilýändigi bellenildi. Syýasy dialog yzygiderli pugtalandyrylýar, işjeň parlamentara hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň sebitleriniň arasynda netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy. Söwda-ykdysady ulgam türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň möhüm ugry bolup durýar. Köp ýyllardan bäri Russiýa Federasiýasy ýurdumyzyň esasy söwda hyzmatdaşlarynyň biridir. Bilelikdäki hökümetara topar hem netijeli işleri alyp barýar, onuň çäklerinde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň tutuş toplumy boýunça tagallalar utgaşdyrylýar.

Ynsanperwer ulgam türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunda bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş ugurlary boýunça netijeli gatnaşyklar aýratyn orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurduň hem özara bähbitli köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýändigi tassyklanyldy. Ol ýurtlarymyzyň uzak möhletleýin gyzyklanmalaryna we döwletara gatnaşyklaryň strategiýasyna gabat gelýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň rus böleginiň başlygy Alekseý Owerçuk birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, umumy bähbitlere laýyk gelýän türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine we täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.

* * *

Şol gün paýtagtymyzda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň başlyklarynyň duşuşygy geçirildi. Duşuşykda geçen döwürde ýerine ýetirilen işleriň jemi jemlenip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumyna garaldy we onuň uzak möhletleýin geljege gönükdirilen ugurlary kesgitlenildi.

## Ata Watanymyzyň nobatdaky daşary syýasy üstünligi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi bagtyýarlygyň, ruhubelentligiň ýakymy bilen garşylaýan türkmen halky hemişelik Bitaraplyk syýasaty esasynda ynsanperwerligiň, dost-doganlygyň ajaýyp ýörelgelerini dünýä ýaýýar. Bu ýörelgeler syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň çäklerinde has-da giňden ýaýbaňlanýar. Hemişelik Bitarap ýurdumyz bu gün dünýäniň abraýly guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň geňeşleriniň, komitetleriniň we komissiýalarynyň birnäçesiniň agzasy bolmak bilen, olaryň çäklerinde degişli halkara



işlerini amala aşyrýar. Türkmenistan Watanymyzyň köp ýyldan bäri öňe sürýän dünýä ähmiýetli birnäçe möhüm başlangyçlarynyň halkara bileleşigi tarapyndan gyzgyn goldanylmagy-da halkymyzyň ynsanperwerlik, parahatçylyk we hoşniýetlilik ýörelgelerine elmydama ygrarlydygyny görkezýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy netijesinde biziň döwletimiziň BMG bilen hyzmatdaşlygy strategik häsiýete eýe boldy. BMG-niň öňdebaryjy ugurdaş edaralarynyň düzümine yzygiderli saýlanyp, Baş Assambleýasynyň sessiýalaryna birnäçe gezek wise-başlyklyk eden Türkmenistan bu iri halkara guramanyň belent münberinden umumadamzat ähmiýetli tekliplerdir başlangyçlary yzygiderli öňe sürýär. ■ 3

# MILLI MANADYMYZ – ÝURDUMYZYŇ BERK BINÝADY

**Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen manadynyň döwletimiziň, milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşiniň özboluşly nyşany hökmünde milli buýsanjymyza öwrülendigini aýratyn bellemek gerek. Häzirki wagtda türkmen manady milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini alamatlandyrýan özboluşly nyşan hökmünde göz öňümizde janlanýar. Hakykatdan-da, Türkmenistanyň milli pulunyň – milli manadymyzyň 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda dolanyşyga girizilmeginden soňra, ata Watanymyz ykdysadyýeti ösdürmegiň dünýä jemgyýetçiligi üçin nusga alarlyk giň tejribesini toplady. Munuň özi milli pulumyzyň diňe bir ykdysady üstünlikleriň däl, eýsem, kuwwatly özygtyýarly ösüşimiziň, Garaşsyzlygymyzyň nyşanyna öwrülendigini görkezýär.**

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda milli manadymyzyň dolanyşyga goýberilmegi ýurdumyzda ýagty ertirleri nazarlaýan giň möçberli ykdysady özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmaga gönükdirilen özbaşdak pul-karz syýasatyny alyp barmaga ýardam berdi. Bu babatda Esasy Kanunymyzda hem aýratyn bellenilip geçilýär we onuň kanuny binýady berkidilýär. Has takygy, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 138-nji maddasyna laýyklykda, döwletimiziň bank ulgamy ýurdumyzda ýeke-täk pul-karz syýasatyny alyp barýan Merkezi banky we beýleki bank edaralaryny öz içine alýar. ■ 3



# MEDENI GATNAŞYKLARYŇ AÝDYŇ BEÝANY

**Halklaryň arasynda agzybirligi, dost-doganlygy pugtalandyrmakda, ýurdumyzda halkara derejede geçirilýän maslahatlaryň, festiwallaryň, sergileriň, konsertleriň hem beýleki medeni çäreleriň ähmiýeti uludyr. Halkymyzyň baý medeni mirasyny, gadymy gymmatlyklaryny, milli sungatyny, medeniýetde we sungatda gazanýan üstünliklerini dünýäde wagyz etmekde Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň çäklerinde guralýan çärelere möhüm orun degişlidir.**

Ençeme ýyllaryň dowamynda türkmen hem ermeni halklary dostlukly gatnaşyklary saklap gelýärler. Iki dostlukly ýurduň Baştutanlarynyň başlangyçlary bilen geçirilen Ermenistan Respublikasynyň ýurdumyzdaky Medeniýet günleri türkmenistanlylara ermeni halkynyň köpöwüşginli sungaty, özboluşly däp-dessurlary hem-de medeniýet ulgamynda gazananlary bilen tanyşmagyna ýardam edýär. Özboluşly milli egin-eşikler, aýdym-sazlar, ussatlyk bilen ýerine ýetirilen tanslardyr beýleki çykyşlar, ýaýbaňlandyrylan sergiler türkmen tomaşaçylaryna Ermenistanyň gadymy hem häzirki zaman ruhuny duýmaga mümkinçilik berýär. Paýtagtymyzyň kinoteatrlarynda görkezilen «Aýrik», «Şarpyk» atly ermeni kinofilmleriniň tomaşaçylarda uly gyzyklanma döredendigini hem aýdyp bileris.



«Bagdasaryň maşgalasy» atly kinofilme hem-de multfilmlere bolsa paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary tomaşa etmek mümkinçiligine eýe boldy.

Türkmen-ermeni medeni gatnaşyklary gadymy döwürlerden gözbaş alýar. «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda ermeni nusgawy şahyry Saýat Nowanyň heýkeli oturdyldy. ■ 2

## Ýurdumyzyň ykdysadyýeti durnukly ösüş ýolunda

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly döwlet syýasatynyň netijesinde ata Watanymyz durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa ornaşdyrylmagyny başdan geçirýär. Ýurdumyzda beýleki ugurlar bilen bir hatarda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda giň gerimli özgertmeler amala



aşyrylýar. Durnukly ösüş maksatlaryny ýokary depginlere çykarmak üçin guramaçylyk-ykdysady hem-de institusional taýdan giň mümkinçilikli şertler döredilýär.

Ilki bilen «Durnukly ösüş» diýen düşünjäniň manysyna seredip geçeliň. Bu sözüň gysgaça manysy: «Durnuklylyk» daşky gurşawa zyýan bermezden, geljege degişli serişdeleri ýa-da çeşmeleri ulanmazdan, şu günki serişdeleriň hem-de çeşmeleriň hasabyna sarp etmegi, durmuşymyzy dowam etdirmegimizi aňladýar. ■ 3



### Biologik dürlülik boýunça maslahat

21-nji oktýabrdan 1-nji noýabr aralygynda Kolumbiýanyň Kali şäherinde BMG-niň biologik dürlülik baradaky konwensiýasyna (COP16) gatnaşyjylaryň konferensiýasynyň 15-nji mejlisi geçirildi. ■ 4



### Limonly suw saglyga peýdalymy ýa-da zyýanly?

Köplenç gan basyşy ýokarlananda, ýatmazdan öň we dartgynly pursatlarda içilýän limon şiresi sykylan suw saglyk üçin peýdalymy ýa-da zyýanly diýen sorag kópleriň ünsüni özüne çekýär. ■ 5



### «Arkadag» toparynyň halkara ýaryşdaky ilkinji ýeňişleri

AFK-nyň Çagyryş Ligasynda (AFC Challenge League) çykyş edýän ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary topardaky ilkinji 2 duşuşygynda ýeňiş gazandy. ■ 7



### «Altyn top» baýragynyň ýeňijisi Winisius Junior däl-de, Rodri boldy

Futbolçylar üçin iň abraýly şahsy baýrak hasaplanýan «Altyn top» baýragynyň, ýagny «Ballon d'Or»-yň bu ýylky ýeňijileri mälim edildi. Şol mynasybetli Fransiýanyň paýtagty Parižäki Şatle teatrynda dabara geçirildi. ■ 8

## Çip bazary ösýär

Elektron enjamlaryň, awtoulaglaryň we beýleki serişdeleriň esasy bölegi bolan çipler soňky ýyllarda has kämilleşdirildi. Bu bolsa, enjamlaryň öndürijilik kuwwatyny artdyrmaga ýardam edýär.



Şeýle bolansoň, bu ugra has köp maýa goýum gönükdirilýär. Çaklamalara görä, şu ýyl çip satuwynyň geçen ýyla garanyňda 18,8 göterim artyp, 629,8 milliard dollara ýetmegine garaşylýar.

«Gartner» maslahat beriş kompaniýasynyň taýýarlan maglumatyna görä, geljek ýyl çip satuwynyň 13,8 göterim artyp, 716,7 milliard dollara ýetmegine garaşylýar.

Soňky ýyllarda emeli aň çiplerine hem has köp maýa goýum gönükdirilýär.

**Baýrammuhammet GOŞUNOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Kosmos syýahatyny ýola goýar

Hytaýyň «Deep Blue Aerospace» kompaniýasy 2027-nji ýyldan başlap, orbitanyň çägine çenli syýahaty ýola goýar. Kompaniýa eýýäm 1,5 million ýuandan (210 müň dollar) iki bilet satypdyr. Täsin syýahatyň ýolagçylary Ýerden 100 kilometre çenli ýokary galyp, 5 minut-



lap, dartyş güýjüniň bolmadyk ýerinde bolarlar. Şeýle hem syýahatçylar Ýeriň togalakdygyny gözleri bilen görmäge mümkinçilik alarlar. Bu syýahat kosmos gämisi däl-de, raketa arkaly amala aşyrylar. Gaýtadan ulanyp bolýan raketalar syýahatyň bahasynyň arzan bolmagyna getirer.

Häzirki wagtda şeýle syýahaty beýleki käbir kompaniýalar hem ýerine ýetirýär. Emma «Deep Blue Aerospace» şeýle syýahaty amala aşyrjak ilkinji hytaý kompaniýasy bolar.

**Näzikgül BERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Ilkinji gezek dinozawr galyndylary tapyldy

Gonkongda ilkinji gezek dinozawryň galyndylarynyň üstünden baryldy. Gadymy jandaryň süňkleri Global geoparkyň çägindäki Port adasyndan tapyldy. Bu ýerde jandarlaryň 66-145 million ýyl ozal hek döwründe ýaşap geçendigi mälim edildi. Dinozawryň görnüşiniň anyklanmagy üçin has köp barlag geçirilmelidigi bellenildi.



Zerur gazuw-agtaryş işleriniň geçirilmegi üçin adamlaryň ada barmagy çäklendirildi. Gonkongyň ösüş ministri Bernadette Linn Hon-ho bu açyşyň ähmiýetlidigini belläp, Gonkongdaky paleoekologiýa barlaglary üçin täze deliller berýändigini aýtdy.

Tapylan dinozawr galyndylary 25-nji oktýabrdan başlap, Çimsaçýoý sebitindäki taryh muzeýinde köpçülige görkezilip başlanar.

**Kerimberdi ANNAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## 40 ýyl boldy

Käbir oýunlar näçe köp ýyl geçse-de ähmiýetini ýitirmeýär. Rubigiň kubjagazy, pazzl we tetris hem şeýle oýunlar hasaplanýar. Ýakynda Londonda tetrisiň 40 ýyllygy mynasybetli çäre geçirildi. Şäheriň «Outernet London» binasynyň daşky diwarynda ýokary durulykda tetris oýny oýnaldy. Çäräniň çäklerinde



gatnaşyjylar äpet ekrandaky oýunlary öz telefonlarynda oýnamaga mümkinçilik aldylar.

Tetris 1984-nji ýylda Alekseý Pažitnow atly programmaçy tarapyndan işlenip taýýarlandy. Ýönekeýdigine garamazdan, bu oýun hemmeleriň göwnünden turdy. Şondan soňra bu oýun gysga wagtda bütin dünýä ýaýradylýar. Bu oýunda aşaklygyna gaýdýan dürli geometrik şekilleri gysga wagtda degişli ýere ýerleşdirilmeli.

**Göwher MOLLAMYRADOWA,**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.**

# Sport güýç-gaýratdyr, gözellikdir we sagdynlykdyr

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen sportuny ösdürmek, ussat türgenleri taýýarlamak ugrunda toplumlaýyn özgertmeler amala aşyrylýar. Şunuň esasynda, häzirki wagtda eziz Watanymyzda sport ulgamyny ösdürmek boýunça uly işleriň alnyp barylýandygyny, bu işleriň bütin dünýäde giň goldawa eýe bolýandygyny, şeýle hem ýurdumyzyň dünýä derejesindäki sport ýaryşlarynyň geçirilýän merkezine öwrülendigini buýsançly nygtamak gerek.*

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 25-nji oktýabrda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilendigi bilen baglylykda, 2-nji noýabrda sport çäresini geçirmegi, hemmeleriň bilelikde jemgyýet bolup, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip, Saglyk ýolundan geçmegi teklip etmegi ulus-ilimizde gyzgyn goldaw tapdy. Munuň özi Türkmenistanyň sportuň, sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekanydygyny nobatdaky gezek dabaralandyrar.

Watanymyzda sport-sagaldyş hereketi, köpçülikleýin bedenterbiýe sazlaşykly ösdürilýär, Aşgabatda we ýurdumyzyň sebitlerinde sport düzüminiň häzirki zaman desgalary gurulýar. Bu zatlar Türkmenistan Watanymyzyň halkara sport ýaryşlarynyň, Olimpiýa oýunlarynyň geçirilýän döwrebap merkezine öwrülmegine, ussat türgenleriň kemala gelmegine şert döredýär.

Şu ýylyň 6-njy sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi ýurdumyz üçin örän uly abraýdyr. BMG-ä agza ýurtlaryň 87-si bu başlangyjy biragyzdan goldady. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň Çözgüdine laýyklykda, şu ýyl Aşgabat şäheri «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Bu bolsa Garaşsyz Watanymyzda sporty ösdürmek babatda alnyp barylýan işlere berlen ýokary bahadyr.

Milli Liderimiziň: «Sport güýç-gaýratdyr, gö-



zellikdir we sagdynlykdyr. Sporta bolan söýgi durmuşa bolan söýgüdir» diýen sözlerinden ugur alnyp, ýurdumyzda sport hereketini ösdürmek üçin ýaşlara giň mümkinçilikler döredilýär. Öňde goýlan wezipeleri berjaý edip, bildirilýän belent ynamy ödemekde sport mekdepleriniň işgärleri hem yhlas bilen zähmet çekýärler. Degişli meýilnamalar esasynda türgenleşikleriň geçirilip, ýaşlary sport bilen meşgullanmaga höweslendirmek babatda ähli tagallalaryň edilýändigini aýratyn bellemek gerek.

Sport – dostluk, sagdynlyk, parahatçylyk ýaly gymmatlyklary özünde jemleýär. Eziz Watanymyz Türkmenistan dünýäde sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy hökmünde tanalýar. Ýurdumyzda halkara derejesinde geçirilen sport çäreleri, çempionatlar aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň şeýledigine Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary, «Amul – Hazar 2018» halkara awtorallisi, Agyr atletika boýunça dünýä çempionaty we Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty doly şaýatlyk edýär.

Garaşsyz ýurdumyzda bagtyýar nesilleri kemala getirmäge, sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden wagyz etmäge, köpçülikleýin bedenterbiýäni, sport hereketlerini ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Bu ugurda milli maksatnamalar, toplumlaýyn özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

**Ahmet EÝEBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Medeni gatnaşyklaryň aýdyň beýany

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýeri gelende bellesek, golaýda Magtymgulynyň goşgular ýygyndysy ermeni dilinde aýratyn kitap görnüşinde neşir edildi. Saýat Nowanyň eserleriniň hem türkmen diline terjime edilendigini bellemek ýakymlydyr.



2023 – 2025-nji ýyllar üçin iki ýurduň medeniýet we sungat ulgamynda özara gatnaşyklary boýunça degişli maksatnama hereket edýär. Medeniýet parahatçylyga, ikitaraplaýyn dialoga giň ýol açýar. Şonuň üçin hem iki döwletiň syýasatynda-da medeni diplomatiýa uly üns berilýär. Ýakynda Ermenistan Respublikasynyň Prezidentine Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalynyň gowşurylmagy-da bu babatda ajaýyp wakalaryň biri boldy.

Türkmen-ermeni aýdym-saz sungatynda birnäçe meňzeşliklere gabat gelmek bolýar. Iki halkyň aýdymlarynyň sözleriniň lirikasy biri-birine örän meňzeş. Aýratyn-da, Saýat Nowa bilen Magtymgulynyň sözlerine aýdylýan aýdymlarda tema, mazmun taýdan meňzeşlik duýulýar. Bu iki halkyň hem ýokary watansöýüjilik ruhundan gelip çykýan bolsa gerek.

Şeýle hem iki halkyň dostluk gatnaşyklarynyň örän gadymy döwürlerden gözbaş alýandygy bellemek ýakymly. Tans sungatynda hem özara baglanyşyklar bar. Türkmen halkynyň «Küştdepdi» milli tans sungaty ÝUNESKO tarapyndan Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilipdi. Ermenistanyň «Koçari» halk tans dessury 2017-nji ýylda şol sanawda mynasyp orun aldy.

**Ýakupbaý ÝANGIBAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Güýz paslynda möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin peýdaly maslahatlar:

1. Paslyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýniň!
2. Sagdyn durmuş ýörelgesini berk berjaý ediň! Zyýanly endiklerden daşda duruň!
3. Sagdyn we kadaly iýmitleniň!
4. Miweleri we gök önümleri köpräk iýmegi unutmaň!
5. Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý ediň!
6. Antibakterial derman serişdelerini özbaşdak ulanmaň!



7. Her hepdede milli tagamlarymyzyň biri bolan gyzyl burç goşulan unaş iýiň!
8. Iýmit howpsuzlygyny berk berjaý ediň!
9. Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopediki kitabynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki, käkilik oty, keýik oty, alyç ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlaryny maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, yzygiderli içiň!
10. Ýurdumyzda ýola goýlan keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp alyň!
11. Ýokanç däl keselleriň düzümine girýän howply täze döremeleriň ýurdumyzda ýola goýlan irki anyklaýyş barlaglaryndan öz wagtynda geçiň!

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Çagalar kitabynyň ilkinji nusgasy

Iň köp terjime edilen çaga kitaplarynyň biri bolan «Kiçi şazada» kitabynyň maşynkada ýazylan bir nusgasy 1,25 million dollara satuwa çykarylar. Bu eseriň 1940-njy ýyllarda onuň awtory Antuan de Sent-Ekzýuperi tarapyndan saklanan üç nusgasynyň biridigi aýdylýar.



Nusga şu aý Birleşen Arap Emirlikleriniň paýtagtynda geçiriljek Abu Dabidäki Sungat festiwalynda satuwa çykarylar. Fransuz ýazyjysy bu eseri geçen asyryň ortalarynda Nýu-Ýorkda ýaşaýan wagty ýazypdyr. Kitap 1943-nji ýylda neşir edilýär. Çagalar kitaby şondan bäri dünýäde millionlarça nusgada satyldy.

**Gülzada GURTGELDIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Giriş tölegi iki esse köpeldiler

Wenesiýa geljek ýyldan başlap şähere gelýän syýahatçylardan alýan salgydyny iki esse artdyrar. Şäheriň ýolbaşçylary geçen ýyl synag maksady bilen ýola goýlan «giriş töleginiň» netijeli bolandygy sebäpli, bu düzgüni has giňeltmek kararyna geldiler. Ilaty 250 müň töweregi bolan suwuň içindäki şäher her ýyl millionlarça myhmany kabul edýär. Geçen ýyl 29 günläp şähere günin girip çykýanlardan töleg alnypdy. Şähere giriş, esasan, dynç ýa-da baýramçylyk günlerinde tölegli edilipdi. Geljek ýyl bolsa, 18-nji aprelden 27-nji iýul aralygynda hepdäniň soňky üç güni hem-de resmi baýramçylyk günleri şähere giriş tölegli bolar. Şähere girmek üçin bilet telefon arkaly satyn alnar. Biletiň bahasy soňky dört gün galanda 10 ýewro, has ir alnanda 5 ýewro bolar. Şäheriň myhmanlary has gelim-gidimli ýerlerdäki gözegçilik nokadynda kwadrat kod görnüşindäki bileti degişli işgärlere görkezerler.



Myhmanlaryň biletleri bir-birden däl-de, tötänleýin barlanar. Giriş tölegini tölemediklere hiç hili pul jerimesi salynmaz. Geçen ýyl bolşy ýaly, ýerli ýaşaýjylar, myhmanhanalarda galýan syýahatçylar, talyplar, okuwçylar we şäherdäki dogan-garyndaşlarynyňka myhmançylyga barýanlar bilet almaly bolmazlar.

Geçen ýyl şeýle düzgün ýola goýlandan sekiz günden soňra üç aýlyk synag möhletindäki girdejiniň alnandygy mälim edilipdi. Synag möhletiniň ahyrynda bolsa, jemi 2,4 million ýewro girdeji alnypdyr. Şäher syýahatçylaryň aşa köp bolmagyndan ejir çekýär. Şol sebäpli, diňe gury ýerden däl, gämi arkaly gelýänler hem çäklendirilýär. Soňky ýyllarda uly gämileriň şähere has golaý porta barmagy çäklendirilipdi.

**Mahym ANNAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Gaýtadan birinji boldy

Ýarymgeçiriji önümçiligi bilen meşgullanýan «Nvidia» kompaniýasy täze emeli aň çiplerine bolan islegiň ýokarlanmagy bilen bazar bahasyny artdyryp, dünýäniň iň gymmat kompaniýasy boldy. Şeýlelikde, kompaniýanyň gymmaty 3,53 trillion dollara ýetip, bazar bahasy 3,52 trillion dollar bolan «Apple»-den öňe geçdi. Mundan



ozal hem kompaniýa iýun aýynda «Microsoft»-dan we «Apple»-den ozup, dünýäniň iň gurply kompaniýasy bolupdy. «Nvidia»-nyň ýolbaşçylary täze nesil çipleriniň önümçiliginiň ýokary depginler bilen artýandygyny, öndürilen harytlaryň bir ýyl öňünden sargyt edilýändigini aýdýarlar. Bilermenler emeli aň tehnologiýasyna ýokary islegiň dowam eden ýagdaýynda kompaniýanyň girdejisiniň artyşynyň dowam etjekdigini belleýärler.

**Atamyrat ÝAZOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Fuji dagynda gar gijä galdy



Dünýäde howanyň üýtgemegi dürli tebigy özgerişliklere sebäp bolýar. Ýaponiýanyň Meteorologiýa agentliginiň wekilleri oktýabr aýynyň tamamlanyp barýandygyna garamazdan, ýurduň tebigy simwollarynyň biri hasaplanýan Fuji dagyna gar ýagmandygyny habar berdiler. Meteorologiýa edarasynyň hünärmenleri bu ýagdaýy rekord derejede gijä galmaklyk diýip hasaplaýarlar. Adatça sentýabr aýynyň ortalarynda dagyň depesinde gar örtügi peýda bolup başlaýar.

**Sülgün ÖWEZMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Girdejisini artdyrdy




Dünýäniň iň uly tehnologiýa kompaniýalarynyň biri bolan «Alphabet»-iň ýylyň üçünji çärýegindäki girdejisini we peýdasyny artdyrandygy mälim edildi. «Google» brendine eýeçilik edýän kompaniýa üç aýyň dowamynda 88,27 milliard dollarlyk girdeji we her paýnamasy üçin 2,12 dollarlyk peýda gazanandygyny habar berdi. Bu habar mälim edilenden soňra kompaniýanyň paýnamalary 5,9 göterim gymmatlady.

**Sabyr GURBANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 10 sentlik şaýy pul 500 müňe satyldy

ABŞ-da geçirilen auksionda 1975-nji ýylda çykarylan 10 sentlik şaýy pul 506 müň 250 dollara satyldy. Bir ýüzünde ýurduň ozalky Prezidenti Franklin Ruzweltiň suraty ýerleşdirilen şaýy puluň esasy aýratynlygy San-Fransiskodaky zikgehanada çykarylandygyna garamazdan «S» şekiliniň ýoklugydyr.



Şeýle şaýy puldan diňe ikisiniň bardygy mälim edildi.

Ogaýoly üç uýa miras hökmünde galdyrylan şaýylyk 40 ýyllap doganlaryň bankdaky hasabynda saklanypdyr. Uýalar ulularyň maslahaty bilen ony auksion arkaly satmak kararyna gelipdirler.

Şaýylygyň satuwyny «GreatCollections» auksion öýi amala aşyrdy.

Şaýylygy uýalaryň ene-atasy 1978-nji ýylda 18 müň 200 dollara satyn alypdyr.

1975-nji ýylda San-Fransisko zikgehanasy 2,8 million sany ýörite senti zikgeläp, satuwa çykarypdyr. Şol ýerde zikgelenen beýleki «S» harpy bolmadyk şaýylyk 2019-njy ýylda 456 müň dollara satuwa çykarylypdy.

**Mylaýym AGYLOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Arassa energiýa üç esse artar

Halkara Energiýa Agentliginiň täze taýýarlan maglumatyna görä, dünýäde Gün we ýel energiýasy, elektroulaglar hem-de batareýalar ýaly arassa tehnologiýalaryň bazar bahasynyň geljek 10 ýylyň dowamynda 2 trillion dollara ýetmegine garaşylýar. Häzirki wagtda bu bazaryň



bahasy 700 milliard dollar töweregi. Bu görkeziji dünýädäki çig nebit bazarynyň bahasyna golaýlar.

Hytaý, Ýewropa Bileleşigi, ABŞ we Hindistan ýaly ýurtlarda arassa tehnologiýalara has köp maýa goýulýar. Hytaýda arassa energiýa tehnologiýasy pudagynyň eksporty 2035-nji ýyla çenli 340 milliard dollardan geçmegine garaşylýar. Bu görkeziji Saud Arabystany bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň häzirki bir ýyllyk nebit eksportyna barabardyr. Arassa energiýa tehnologiýasy uly ykdysady mümkinçilik döreder. Ösen tehnologiýa, artýan bäsdeşlik we innowasiýa arassa energiýanyň özüne düşýän bahasyny arzanladýar. Bu bolsa, arassa energiýanyň ýaýbaňlanmagyna sebäp bolýar.

**Gudrat AKMÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 1-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115086
Belgisi: 44/1610
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## EZIZ DIÝARYMYZ – MELHEMLER MEKANY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Gysga döwürde paýtagtymyzda, welaýat merkezlerinde iň häzirki zaman, ýokary hilli lukmançylyk enjamlary oturdylan, dünýä ülňülerine laýyk gelýän hassahanalar, keseli anyklaýyş merkezleri, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar guruldy.

Gahryman Arkadagymyz häzirki zaman lukmançylygynyň dünýä tejribesinde gazanylanlary üstüne goşmak bilen, köklerini gadymyýetden alyp gaýdýan türkmeniň dermanlyk ösümlikleri bilen baglanyşykly ylmy işini, olaryň melhemlik häsiýetlerini «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplarynyň üsti bilen giň okyjylar köpçüligine ýetirýär.

Şu ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly düýpli ylmy işiniň XVI jildiniň tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Täze neşir ýurdumyzda giňden bellenilýän hünär baýramynyň – Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününiň öňüsyrasynda çap edildi.



Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplary türkmen, rus, iňlis dillerinde neşir edilip, türkmen tebigatynyň ösümlikler dünýäsiniň ynsanlara şypa beriji dermanlyk häsiýetini ylmy taýdan esaslandyrýar hem-de bejerijilik ähmiýetini açyp görkezýär. Türkmen topragynda bitýän dermanlyk ösümlikleriň halk lukmançylygynda müňlerçe görnüşi peýdalanylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň bu kitabynyň maksady lukmançylyk ulgamynyň işgärlerine, dermanlyk çig mallary taýýarlaýanlara, ýygnaýjylara we ösümlik dünýäsi bilen iş alyp barýan ähli adamlara dermanlyk ösümlikler baradaky bilimlerini baýlaşdyrmak, ösümlikleriň daşky gurluşy, ösüş şertleri, himiki düzümi, lukmançylykda peýdalanylyşy, ýygnamagyň möhleti hem-de usullary, saklamagyň düzgünleri dogrusyndaky ylmy maglumatlary ýetirmek bolup durýar.

Okyjy dermanlyk ösümlikleriň atlarynyň türkmençe, latynça, rusça sözlügi, dermanlyk çig mallaryny ýygnamagyň senenamasy bilen tanşyp biler. Senenamada ösümlikleriň ady, olaryň köküni, ýapragyny, gülüni, miwesini, şahasyny, gabygyny haýsy aýda ýygnamalydygy görkezilipdir. Saklanyş möhletiniň giňden düşnükli edip beýan edilmegi bolsa, ylmy eseriň täsirliligini artdyrýar.

Milli Liderimiziň 2009-njy ýylda başyny başlan düýpli ylmy işiniň dowamy bolan ylmy-ensiklopedik kitabyň täze jildiniň üsti bilen okyjylar ýabany ösümlikler bilen ylmy nukdaýnazardan tanşyp bilýärler.

Goý, halkyny bagtly geljege alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, eşretli döwür üçin yhlas siňdirip, durmuşa geçirýän tutumly işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Güljahan HOJAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasynyň mugallymy.*

## HOŞNIÝETLI TÜRKMEN-ÖZBEK GATNAŞYKLARY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz goňşy döwletler bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny barha berkidýär. Goňşy döwletler bilen ysnyşykly we köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek döwletimiziň daşary syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar.

Ata Watanymyzda goňşy döwletlerimiziň biri bolan Özbegistan Respublikasy bilen dost-doganlyk gatnaşyklary ýokary depginde ösdürilýär. Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. Iki döwletiň arasynda geçirilýän yzygiderli duşuşyklar, ýokary derejedäki gepleşikler, maslahatlar oňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň çäklerinde eýýäm amala aşyrylan iri energetika taslamasy bolan Türkmenistan – Özbegistan – Gyrgyzystan – Hytaý ugry boýunça gaz geçiriji taslamasy bar. Türkmen-özbek gatnaşyklarynda ulag ulgamy hyzmatdaşlygyň möhüm strategik ugry hökmünde kesgitlenendir. Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman – Katar ulag geçelgesiniň taslamasyny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Özbegistan Respublikasy hem ýurdumyz bilen hyzmatdaşlyga aýratyn gadyr goýýar. Muňa Özbegistanyň Baştutany hökmünde Prezident Şawkat Mirziýoýewiň öz ilkinji döwlet saparyny 2017-nji ýylyň martynda Türkmenistana amala aşyrandygy aýdyň şaýatlyk edýär.



Häzirki wagtda söwda-ykdysady gatnaşyklar hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu babatda oňyn işler geçirilip, özara söwda gatnaşyklary işjeňleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, Özbegistanda Türkmenistanyň harytlarynyň sergisi guraldy. Türkmenistanda bolsa Özbegistanyň milli sergisi hem-de sebitara forumy geçiriler. Iki ýurduň serhetýaka welaýatlarynyň arasynda dürli saparlar guralyp, ykdysady hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar.

Biziň ýurtlarymyzyň we halklarymyzyň taryhy ösüşinde, medeniýetlerinde we däp-dessurlarynda hem umumylyklar köpdür. Iki döwletiň hem Aziýa yklymynyň merkezinde geografik taýdan amatly ýerleşmegi diňe bir sebit däl, eýsem, ählumumy möçberde hem uly ähmiýete eýedir. Türkmenistan we Özbegistan söwda-ykdysady hem-de ulag-kommunikasiýa geçelgeleriniň möhüm çatrygynda ýerleşmek bilen, «Gündogar – Günbatar» we «Demirgazyk – Günorta» ugurlary arkaly utgaşykly gatnaşyk edýärler.

Soňky ýyllarda türkmen-özbek hyzmatdaşlygy giň gerimli ugurlary özünde jemläp, many taýdan has-da baýlaşdy. Dostlugy pugtalandyrmagyň, ýurtlaryň we halklaryň arasynda özara düşünişmegiň, hormat goýmagyň, umumy abadançylygyň hem-de gülläp ösüşiň maksatlaryna kybap gelýän doly derejeli hyzmatdaşlyk üçin has oňaýly şertleri kemala getirmekde ynsanperwer gatnaşyklara möhüm orun degişlidir.

**Rejepnur MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijesinde halkymyz bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Il-ýurt bähbitli işler ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen okgunly gadam urýan ýurdumyzy belent sepgitlere ýetirýär.

Ajaýyp zamanamyzda ykdysadyýetimiziň ösüşine täsir edýän özgertmeler barha öňe ilerleýär. Döwlet durmuşynyň ähli pudaklaryny kämilleşdirmeklige we depginli ösdürmeklige, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin oňyn şertleri döretmeklige, raýatlaryň netijeli zähmet çekmekleri we oňat dynç almaklary üçin amatly şertleri üpjün etmeklige



gönükdirilen işler aýdyň netijesini berýär.

Geljek, 2025-nji ýylda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy halkara derejede giňden bellenip geçiler. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly diýlip yglan edildi. Bu bolsa geljek ýylyň hem şöhratly wakalara baý boljakdygyny aňladýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri we däpleri döwletimiziň dost-doganlyk ýörelgesiniň esasy bolup durýar. 2025-nji ýylyň şygary hem halklary parahatçylygyň hatyrasyna ynanyşmak bilen öňe ilerlemegiň iň wajyp wezipedigini beýan etmek bilen, esasy gymmatlyklaryň daşynda umumy supranyň başyna jemlär.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň: «Biz daşary syýasatymyzda Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, ýurdumyzyň oňyn bitaraplygyny dünýä giňişliginde ösdürmek, daşary ykdysady gatnaşyklary has-da giňeltmek meselelerine uly orun berýäris» diýip belleýşi ýaly, döwletimiziň alyp barýan ynsanperwer işleri umumadamzadyň ösüşi we abadançylygy baradaky alada ýugrulandyr. Sebit we dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürmek daşary syýasatymyzyň özenini düzýär. Paýtagtymyz Aşgabatda «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyň geçirilmegi hem-de oňa birnäçe ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň, halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň gatnaşmagy «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetirdi.

Halkymyzyň beýik gymmatlygy we taglymaty bolan Bitaraplyk hukuk derejämiziň özeninde parahatçylygy pugtalandyrmak, dostlugy berkitmek, goňşy we beýleki halklar bilen hoşniýetli gatnaşmak ýaly milli ýörelgelerimiz durýar. Bu asylly ýörelgeler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýä halklarynyň abadançylygynyň, bagtyýarlygynyň hatyrasyna täze öwüşginde dabaralanýar.

Agzybirlikden döwlet tapýan halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, özara düşünişmek, ynanyşmak, dost-doganlyk gatnaşyklaryna ygrarly bolmak, ynsany mertebelemek ýaly milli ýörelgelerine esaslanýan häsiýetleri döwletimiziň nusgalyk içeri we daşary syýasatynda mynasyp orun alýar. Döwletimiz tarapyndan öňe sürülýän teklipleriň we başlangyçlaryň halkara guramalar hem-de dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylmagy ýurdumyzyň daşary syýasatynyň uly ykrarnama eýediginiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly goşgusyndaky: «Hoşniýetli dost ili – biziň eziz ilimiz, Bitaraplyk, doganlyk – saýlan aýdyň ýolumyz!» diýen çuňňur manyly sözler dünýä halklary bilen dostluk köprüsini guryan, dost-doganlygy baýdak edinýän ata Watanymyzyň, BMG tarapyndan iki gezek ykrar edilen Bitaraplygymyzyň şan-şöhratyny täze belentliklere göterýär. Çünki berkarar ýurdumyz dünýäde parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany hökmünde giňden tanalýar.

**Babageldi SEÝDIMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGI – TERBIÝÄNIŇ GÖZBAŞY

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe tutumly işler we beýik özgertmeler amala aşyrylyp, zähmetsöýer halkymyzyň, şol sanda ýaş nesilleriň eşretli durmuşynyň hözirini görüp, bagtyýar ýaşamagy, ýokary hünärli bolup ýetişmegi üçin ähli zerur şertler döredilýär. Gahryman Arkadagymyzyň aladasyna eýlenen bu asylly ýörelgeleriň hözirini türkmen ýaşlary durmuşyň her bir ädiminde duýup ýaşaýarlar. Täze gurlan bilim ojaklarynda sowat öwrenip, hünär okuwynda aňyny taplap, önümçilik iş usullaryny birkemsiz özleşdirýän kämil nesiller dürli pudaklarda üstünlikli zähmet çekýärler.

Ata-babalarymyz şu günki hem geljekki nesillere halallyk ýoluny, edep-terbiýäni gymmatly miras galdyrypdyrlar. Pederlerden dowam edip gelýän asyllylyk, halallyk, dogdyk mekanymyza, mähriban halkymyza agzybirlik, ýolumyza wepalylyk, zähmetsöýerlik ýaly ajaýyp ýörelgeleri ýaşlaryň aňyna guýmak döwrümiziň esasy wezipeleriniň biri hasaplanýar.

Ata-babalarymyz watansöýüjilik, ynsanperwerlik, batyrlyk, halallyk ýaly terbiýeçilik ýörelgelerini çaganyň kalbyna guýupdyrlar. Türkmen halkynyň edep kadalary türkmen nesli üçin nusgadyr, görüm-göreldedir, ýol-ýörelgedir. Türkmen halky öz perzentleriniň bagtyýar, has kämil bolmagyny isläp, nesilleriň aňyna edep kadalaryny guýmagyň dürli ýollaryny agtarypdyrlar.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi milli terbiýäniň gözbaşydyr. Magtymgulynyň halk paýhasyndan kemal tapan döredijiligi ýaş nesliň pederlerimiziň ruhy ýörelgelerine wepaly bolup ýetişmegi üçin parasatly öwüt-ündewleri özünde jemläp, ynsanyň islendik meselede paýhasly hereket etmeginiň wajypdygy, kämillige tarap her kimiň özüniň ymtylmalydygy ündelýär.

Watançylyk terbiýesi nesillerde geçmişine, ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda döreden medeniýetine, bereketli topragyna, medeni we ruhy gymmatlyklaryna buýsanç duýgusyny emele getirmekdir. Dogruçyllyk örän möhüm häsiýete eýe bolup, ynsany bezeýän belent adamkärçiligiň ahlak sypatlarydyr. Ýaşlaryň iň gowy duýgularynyň biri dostluk, birek-birege wepalylykdyr. Ile ýagşylyk etmek bolsa ýaşlara uly hormat getirýär. Bu barada akyldar şahyr ýagşylygyň ynsanyň mertebesini beýgeldýändigini nygtaýar.

Edep-terbiýäniň ilki maşgalada öwredilýär. Ata-ene perzendiň «durmuş halypasy» hasaplanýar. Pähimdar ata-babalarymyz terbiýeli çagany miweli baga meňzedipdirler. Terbiýeli perzent, göýä miweli daragt ýaly, il-güne hemaýat saýasyny salýar. Ata – maşgalanyň galasy, ene – ojagyň sütüni hasap edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasy bilen döredilen ajaýyp kitaplarynda hem maşgala ojagy, zenan mertebesi, enäniň maşgaladaky orny, mukaddesligi giňişleýin açylyp görkezilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda halkymyzyň asylly ýörelgelerine eýerip, mynasyp nesli kemala getirmek babatda uly işler alnyp barylýar. Orta mekdeplerde mekdep okuwçylarynyň arasynda ýörite zähmet sapaklaryndan oglanlara ussaçylyk işleriniň, gyzlara bolsa, ene-mamalarymyzdan miras galan el işleriniň we aşpezlik sungatynyň öwredilmeginiň hem, ýaşlarymyzy



terbiýelemekde uly ähmiýeti bardyr. Bu ýaşlaryň Watana bolan söýgüsini has-da berkidip, geljege bolan ynamyny artdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň öwüt-ündewlerinden ugur alyp, ýaşlarymyzy asyllylyk, halallyk, Watana wepalylyk, zähmetsöýerlik ýaly ýörelgeler bilen terbiýelemek döwrümiziň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Hut şonuň üçin hem her bir maşgalanyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, medeniýet, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işgärleriniň borjy edebi mirasymyzdan, şöhratly taryhymyzdan, milli däp-dessurlarymyzdan ugur alyp, ýaş nesillerimizi döwrebap terbiýelemekden ybaratdyr.

**Gyzylgül ANNAÝAROWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## INTERAKTIW USULDA BILIM BERMEGIŇ ÄHMIÝETI

Bilim ulgamynda öwrenijileri (talyplar we diňleýjiler) okatmakda esasy üç usul ýörgünli hasaplanýar. Olar passiw, aktiw we interaktiw usullarydyr. Interaktiw sözi iňlis dilinden terjime edilende «inter» – ara we «act» – hereket diýen manyny aňladýar. Ýagny, interaktiw usuly mugallym bilen talyplaryň hem-de talyplaryň öz arasynda maglumatlaryň we pikirleriň erkin alyşmaklygyna aýdylýar. Interaktiw usulda bilim bermekligiň modul görnüşinde bolmagy bilen, durmuşda duş gelýän ýagdaýlary, iş tejribesi bilen bagly oýunlary we toparlaýyn meseleleri çözmek ýaly işler jemlenýär. Modul görnüşinde bilim bermekligiň esasyny az sanly talyplardan ybarat toparlar düzýär. Interaktiw



usulynda köp halatlarda wideo we audio maglumatlar peýdalanylýar. ABŞ-nyň Merilend ştatynyň milli trening merkeziniň geçiren barlaglarynyň netijesinde talyplara berilýän bilimleriň özleşdiriş derejesi göterim gatnaşygynda seljerilýär. Alnan barlaglar boýunça umumy okuwlaryň 5 göterimi, okamagyň 10 göterimi, wideo we audio maglumatlaryň 20 göterimi özleşýändigi ýüze çykaryldy. Diýmek, okuw sapaklarynda wideo we audio maglumatlary peýdalanylsa öwrenijilerde özleşdiriş derejesi hem artýar.

Interaktiw usulda bilim bermek bilen birnäçe şertleriň ýerine ýetirilmegi zerurdyr. Birinjiden, sapaga ähli öwrenijileriň gatnaşmagy, ýagny ähli talyplarda gyzyklanma döredýän tehnologiýany peýdalanmaly. Ikinjiden, talyplaryň psihologiki taýýarlygyny hasaba almaly. Bu ýerde talyplaryň sapaga gatnaşmaga taýýarlyk derejesi barada aýdylýar. Onuň üçin sapaga başlamazdan öň geçilen sapaklar boýunça ýönekeý soraglar bilen gyzyklandyrmaly we bahalandyrmaly. Netijede, talybyň degişli sapak boýunça gyzyklanmasy döreýär we özüniň bilim derejesini artdyrmak boýunça höwesi kemala gelýär. Üçünjiden, toparlardaky talyplaryň sany 25-den köp bolmaly däl. Sebäbi öwrenijileriň sany bilimiň hili bilen berk baglydyr. Dördünjiden, okuw otagy talyplaryň erkin hereket etmegi üçin amatly we degişli ders boýunça çyzgylar, görkezme esbaplar bilen gurnalan bolmaly. Bäşinjiden, ähli ediljek işler yzygiderliligi we wagty kesgitlenen bolmagy. Altynjydan, söhbetdeşlik sapagyna talyplaryň gyzyklanma bilen gatnaşyk derejesine üns bermeli. Ilkinji söhbetdeşlik sapaklarda meýletin çykyş etjek talyplary diňlemeli, soňky söhbetdeşlik sapaklarda islendik bir talypdan soramak maksadalaýyk hasaplanýar.

Okatmagyň interaktiw usuly okuwlaryň we sapaklary ähli görnüşlerinde ulanylyp bilinýär. Mysal üçin: umumy okuwlarda: umumy okuwyň binar (iki mugallymyň ýolbaşçylygynda geçirilýär) görnüşi, umumy okuwyň wideo görnüşi, umumy okuwyň press-konferensiýa görnüşi, tegelek stol, keýs-usuly, interwýu, talyplary işjeňleşdirmek üçin ýörite oýunlar we başgalar degişli. Söhbetdeşlik sapaklaryna: webinar, onlaýn-söhbetdeşlik, kollokwium, portfolio usuly, «Beýnä hüjüm etmek» usuly we başgalar degişli. Amaly sapaklara: wirtual maslahatlar, toparlaýyn çekişme, «Agaçly çözgüt» usuly we başgalar degişli. Tejribe sapaklara: «microworlds» (mikrodünýä), imitasiýa oýunlar, laboratoriýa we türgenleşdiriji serişdelerinde geçilýän sapaklar degişli.

Okatmagyň döwrebap interaktiw usulynda mugallymyň wezipesi düýpgöter üýtgeýär. Sapak ýolbaşçysy esasy maglumat berýän şahs bolman, gerekli bilimleri almaga gönükdirýän we sazlaýan guramaçy bolup öňe çykýar. Sapagyň meýilnamasyna laýyklykda, wajyp soraglar ara alnyp maslahatlaşylýar. Interaktiw usulynda sapagyň geçiriliş görnüşleriniň netijeli bolmagy bilen öwrenijiler özüniň geljekki hünär işi boýunça amaly endiklerini, başarnyklaryny we täze tejribeleri gazanýarlar. Bu bolsa okatmagyň degişli usulynyň möhümdigini kesgitleýär.

**Tirkiş BAÝRAMOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.*

## ATA WATANYMYZYŇ NOBATDAKY DAŞARY SYÝASY ÜSTÜNLIGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan BMG-niň alyp barýan umumadamzat bähbitli işlerinde halkara jemgyýetçiliginiň goldawyna mynasyp bolan möhüm meseleleri çözmäge hem işjeň gatnaşýar. Sanlyja ýylyň içinde ata Watanymyz Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň wise-başlyklygyna birnäçe gezek saýlanmagy hem muňa şaýatlyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, Bitaraplygyň türkmen nusgasy BMG-niň ýörelgeleri we maksatlary bilen sazlaşýar. Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň pa-



rasatly baştutanlygynda ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegine mynasyp goşant goşýan türkmen döwletiniň parahatçylyk söýüji ýurt hökmündäki abraýy barha artýar.

Hormatly Prezidentimiziň parahatçylyk söýüjilik taglymatynyň esasynda halkymyz dünýä halklary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugta berjaý edýär. Türkmenistan Diýarymyz ýurdumyza gelen myhmana suprasyny boldan ýazýar. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu adyl syýasaty ynsanlary biri-birine ýakynlaşdyrýar, dost-dogan bolup ýaşamaga iterýär. Parahatçylykly gatnaşyklara ymtylmak bolsa halklary agzybirlik, adamkärçilik atly beýik ýörelgelere eýerip ýaşamaga ruhlandyrýar.

Döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde ýurdumyz ýene-de bir daşary syýasy üstünligini gazandy. 2024-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 25-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryň köpüsi we sebitdäki hemme ýurtlar bu resminamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan syýasatynyň aýdyň nyşany bolup durýar.

Şeýle hem mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen hem-de Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi hakyndaky hoş habaryň gelip gowuşmagy, ildeşlerimiziň buýsançly başlaryny göge ýetirdi. Bu resminama dünýäniň 87 döwletiniň awtordaş bolup çykyş etmegi, onuň tutuş adamzat üçin möhümdiginiň we ägirt uly ähmiýete eýediginiň aýdyň beýanydyr. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryna esaslanýan, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyň we sport diplomatiýasynyň dünýäde has-da dabaralanýandygynyň nobatdaky güwäsidir. Bu möhüm resminamanyň kabul edilmegi, halkara jemgyýetçiligi tarapyndan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda sporty ösdürmek babatda alnyp barylýan işlere berlen ýokary bahadyr.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETI DURNUKLY ÖSÜŞ ÝOLUNDA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Ösüş» - sözi bolsa, gysgaça aýdylanda, durmuş-ykdysady taýdan yzygiderli öňegidişligi, oňyn üýtgeşmeleri aňladýan düşünjedir. Diýmek, gysgaça «Durnukly ösüş - bu daşky gurşawa zyýansyz şu günki serişdeleriň hasabyna şu günüň hem-de geljegimiziň durmuş-ykdysady ösüşini yzygiderli ösdürmekdir» diýsek hakykatdan daş düşdügimiz bolmaz.

Durnukly ösüşiň maksatlary, geljekki nesiller üçin durmuşy yzygiderli gowulandyrmak üçin şu günden dogry hereketleri saýlamakdyr. Bütin ýurtlarda öz ileri tutýan ugurlaryna we dünýäniň ýüzbe-ýüz bolýan daşky gurşaw meselelerine laýyklykda kabul etmek üçin anyk görkezmeleri we maksatlary üpjün edýär.

«Global maksatlar» diýlip hem atlandyrylýan «Durnukly ösüş maksatlary» Birleşen Milletler Guramasy (BMG) tarapyndan garyplygy aradan aýyrmak, planetany goramak we 2030-njy ýyla çenli ähli adamlaryň parahat we abadan durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek üçin hereket etmäge ählumumy çagyryş hökmünde 2015-nji ýylda BMG-niň Baş assambleýasynyň 70-nji ýubileý mejlisinde kabul edildi. 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin durnukly ösüşiň meselelerini özünde jemleýän «Durnukly ösüş» strategiýasy jemi 17 sany global maksatdan, 169 sany wezipeden we 230 sany görkezijiden ybaratdyr. Bu ýetilmek islenilýän global maksatlaryň esasy özeni dünýäde ekologiýa taýdan asuda durmuşy döredip, açlyga we garyplyga garşy göreşip, adamlaryň parahatçylykda, abadançylykda bagtyýar ýaşamagyny üpjün etmek üçin ählumumy çagyryşdyr.

Durnukly ösüş maksatlary garyplygyň düýp sebäplerini aradan aýryp, adamlar we planetamyz üçin oňyn özgerişlikleri ýerine ýetirmek maksady bilen bizi birleşdirer. Durnukly ösüş maksatlary, garyplyk, howanyň üýtgemegi we düşünişmezlik ýaly dünýämiziň ýüzbe-ýüz bolýan käbir möhüm meselelerini çözmek üçin umumy meýilnama we gün tertibi bilen üpjün eder.

Bu maksatlar 1000 ýyllyk ösüşi nazarlamak bilen, bu maksatlara ýetmekde bir-biri bilen baglanyşyklydyr. Her bir döwlet ýetmek isleýän maksatlary boýunça ýüze çykýan meseleleri özara ylalaşyk esasynda deňeçer çemeleşip, bilelikde çözmegi üstünlige ýetmegiň açary bolup hyzmat eder. Durnukly ösüş maksatlary, geljekki nesiller üçin durmuşy yzygiderli gowulandyrmak üçin şu günden dogry hereketleri saýlamak bilen, hyzmatdaşlygy ýola goýmakdyr.

Umuman aýdylanda, Durnukly ösüş maksatlary garyplygy aradan aýyrmakdan, açlygy ýok etmekden, sagdyn durmuşy we abadançylygy ýola goýmakdan, ýokary hilli bilimi üpjün etmekden, gender deňligini gazanmakdan, arassa agyz suwy bilen we arassaçylygy üpjün etmekden, elýeterli we arassa energiýany ulanmakdan, mynasyp işleri üpjün etmekden we ykdysady ösüşi gazanmakdan, senagatlaşdyrmagy, innowasiýalary we infrastrukturany ýola goýmakdan, deňsizligi



azaltmakdan, durnukly şäherleri we ilatly ýerleri döretmekden, jogapkärçilikli sarp edişligi we önümçiligi döretmekden, howanyň üýtgemegine garşy göreşmekden, deňziň ekologiýa ulgamyny gorap saklamakdan, gury ýer ekologiýa ulgamyny gorap saklamakdan, parahatçylygy, adalatlylygy gazanmakdan, netijeli edaralary döretmekden, durnukly ösüşiň bähbidine hyzmatdaşlyk saklamagy ýola goýmakdan ybaratdyr.

Eziz Diýarymyzy, bagtyýar halkymyzy Durnukly ösüşiň maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmakda ynamly ýollar bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz bimöçberdir. Goý, olaryň belent başlary aman, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli durmuş-ykdysady, syýasy-jemgyýetçilik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.

**Ýedibaý BAÝRAMDURDYÝEW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

## MILLI MANADYMYZ – ÝURDUMYZYŇ BERK BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi banky nagt pul dolanyşygyny guramagy we hasaplaşyk töleg ulgamynyň netijeli işlemegini hem-de beýleki wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirýän edaradyr. Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen 2011-nji ýylyň ýanwar aýynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Bu maksatnamada ýurdumyzda amala aşyrylýan bazar özgertmeleriniň çäklerinde bank ulgamynyň işini kämilleşdirmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi.

Bank ulgamynda kadalaşdyryjy hukuk namalar bolan «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirme hakynda», «Karz birleşmeleri hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň güýje girmegi ýurdumyzyň bank ulgamyny ösdürmekde kuwwatly gural bolup çykyş edýär.



Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli maliýe syýasatynyň netijesinde, milli manadyň durnuklylygyny saklamak, kadaly hereketini ýola goýmak, goraglylygyny üpjün edip, satyn alyş ukybyny ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Ýeňillikli salgyt syýasatynyň ýöredilmegi we ilata pes göterimli karzlaryň berilmegi eýeçiligiň dürli görnüşlerinde täze düzümleri, iş orunlaryny döretmäge, kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny pugtalandyrmaga, importuň ornuny tutmaga hem-de eksporta niýetlenen önümleriň öndürilişiniň möçberlerini artdyrmaga, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda sanly ulgamy giňden ornaşdyrmaga, halkara söwda-ykdysady gatnaşyklary barha ösdürmäge giň mümkinçilikleri açýar. Şeýle hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, milli töleg ulgamynyň mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna, karz edaralarynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen giň gerimli işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň çäginde raýatlarymyz «Altyn asyr», «Millikart», «Maşgala», «Milli VISA», «Goýum bank karty», «Owerdraft karty», şeýle hem halkara «VISA» we «Master Card» bank kartlaryny peýdalanmak arkaly dürli görnüşli nagt däl hasaplaşyklaryň giň mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «QR-kod» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we kämilleşdirmek işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar. Şeýle görnüşli sanly bank hyzmatlary müşderileriň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



► **Wagtyndan öň ses berdiler.** 5-nji noýabrda ABŞ-da geçiriljek Prezident saýlawlary üçin möhletinden öň 50 milliondan gowrak amerikaly ses berdi. Saýlawçylaryň, takmynan, 39 göteriminiň demokratlardygy, 36 göteriminiň bolsa respublikaçylardygy habar berilýär. Şeýle-de saýlawçylaryň 41 göteriminiň 65 ýaşdan ýokardakylardygy bellenýär.



► **Lukaşenko saýlawlara gatnaşmakçy.** Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko 2025-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda geçiriljek Prezident saýlawlarynda dalaşgär boljakdygyny mälim etdi. Belarusda saýlawyň geçiriljek senesi Merkezi saýlaw topary tarapyndan teklip edildi.



► **Adampisint robotlaryň ýaryşy.** Hytaýyň «China's Robot Era» kompaniýasy Gobi çölünde boýy 170 santimetr, agramy 65 kilogram bolan «Star1» atly iki sany adampisint robotyň ylgaw ýaryşyny geçirdi. Bir robot aýakýalaňaç ylgady, ikinjisi bolsa, krossowkaly. Krossowkaly robot tizligini 34 minutyň içinde sekuntda 3,6 metre ýetirip, ýeňiş gazandy.



► **Gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi.** 25-nji oktýabrda Bangkokda (Tailand) «Miss Grand International 2024» halkara gözellik bäsleşiginiň ahyrky tapgyry geçirildi. Oňa dünýäniň dürli ýurtlaryndan jemi 69 gyz gatnaşdy. Hindistanly 20 ýaşly telekeçi Reýçel Gupta bäsleşigiň ýeňijisi diýlip yglan edildi.



► **Hytaýyň täze meýilnamalary.** Hytaý Weneranyň atmosferasynyň nusgalaryny Ýere getirmegi meýilleşdirýär. Şeýle missiýa 2050-nji ýyla çenli kosmos ylmyny ösdürmegiň täze Milli meýilnamasynda göz öňünde tutulandyr. Bu strategiýa üç tapgyry öz içine alýar.



► **Özbegistanda ilat ýazuwy geçiriler.** Özbegistanda nobatdaky ilat ýazuwy 2026-njy ýylyň 15-nji iýuny – 21-nji awgusty aralygynda geçiriler. Ýurtda ilat ýazuwy soňky gezek 1989-njy ýylda geçirilipdi. 2023-nji ýylda ol koronawirus ýokanjy sebäpli yza süýşürildi.



► **Konstitusiýanyň bir nusgasy satyldy.** Şkafda saklanyp galan ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň 237 ýyl mundan ozalky nusgasy, «Brunk Auctions» auksion öýünde 9 million dollara satyldy. Bu resminama 2022-nji ýylda Demirgazyk Karolinadaky Haýes fermasynda arassalaýyş işleri geçirilýän wagty tapyldy.



► **Genomyny kesgitlediler.** «Colossal Biosciences» kompaniýasynyň bilermenleri tasman möjeginiň doly genomyny kesgitlemegiň hötdesinden geldiler. Indi hünärmenler ýok bolup giden bu ýyrtyjyny «direltmekçi». 1936-njy ýylda iň soňkusy ölen tasman möjegi Awstraliýada we Tasmaniýada ýaşan hordaly süýdemdirijidir.



► **Sürüjisiz taksi hyzmatyny hödürleýär.** «Tesla»-nyň başlygy Ilon Mask kompaniýanyň sürüjisiz taksileri sargyt etmek hyzmatyny hödürläp başlandygyny, ýöne häzirlikçe şeýle hyzmaty diňe «Tesla»-nyň işgärleriniň ulanyp bilýändigini habar berdi. Sürüjisiz taksileriň önümçiligi heniz başlamasa-da, kompaniýa eýýäm täze hyzmaty synagdan geçirýär.



► **Dolandyrylýan enjamyny ibermekçi.** Hytaýly hünärmenler Arktikada deňziň düýbüni öwrenmek maksady bilen dolandyrylýan suwasty enjamyny ibermegi meýilleşdirýärler. Aprel aýynda suwa goýberiljek enjamy geljek ýyldan başlap ylmy işlerde ulanmak göz öňünde tutulýar. Enjam eýýäm pes temperaturada işlemek ýaly birnäçe synagdan üstünlikli geçdi.

## TARYHDA ŞU GÜN




**1954-nji ýylyň 1-nji noýabrynda «Senagat ösüşi we inženerçilik assosiasiýalary» (IDEA) dünýäde ilkinji täjirçilik maksady bilen tranzistorly «Regency TR-1» radiosyny satyp başlaýar. «Texas Instruments» kompaniýasy tranzistorly radiony işläp düzýär, soň bolsa taýýar radiony öndürmek üçin IDEA bilen hyzmatdaşlyk edýär. Önümçiligiň ilkinji ýylynda, takmynan, 100 müň radio satylýar.**

## Möhletinden öň geçirildi

**27-nji oktýabrda Ýaponiýada möhletinden öň parlament saýlawlary geçirildi. Konserwatiw liberal-demokratik partiýasy soňky 15 ýylda ilkinji gezek parlamentdäki köplügini ýitirdi. Premýer-ministr Isiba Sigerunyň ýolbaşçylyk edýän partiýasy 465 orunlyk parlamentde zerur bolan 233 orny alyp bilmedi. Liberal-demokratlar mundan öň konserwatiw «Komeýto» partiýasy bilen bilelikde ýurdy dolandyrýardylar. Dolandyryjy bileleşigiň 181 orny alandygy habar berildi.**

**Garşydaş Konstitusiýa-demokratik partiýasy parlamentden 148 orun alyp, öňki saýlawlar bilen deňeşdirilende, öz ornuny ep-esli berkitdi. Galan orunlar bolsa, beýleki partiýalara degişli bolup, «Ýaponiýanyň innowasiýa partiýasy» 38 orna, Demokratik partiýa bolsa 28 orna eýe boldy.**

**Premýer-ministriň partiýasynyň parlamentde köplügi gazanyp bilmezligi hökümetiň işinden çekilmelidigini aňlatmaýar, ýöne partiýanyň öz maksatlaryny parlament arkaly durmuşa geçirilmegini belli bir derejede kynlaşdyrýar we bileleşik boýunça üçünji hyzmatdaşyň zerurlygyny ýüze çykarýar.**

**Nobatdan daşary parlament saýlawlary liberal-demokratlaryň lideri Isiba Sigerunyň**



**partiýanyň täze başlygy wezipesine geçeninden soň gysga wagtyň içinde geçirildi.**

**Ýaponiýanyň Liberal-demokratik partiýasy 1955-nji ýylda döredilen gününden bäri hemişe diýen ýaly häkimiýetde boldy. Liberal-demokratlar bilen «Komeýto» partiýasynyň hyzmatdaşlygy 2009-njy ýyldan bäri dowam edip gelýär.**

## Sesleriň köplügine eýe boldy

Özbegistanda geçirilen parlament saýlawlarynda dolandyryjy Liberal-demokratik partiýasy sesleriň köplügine eýe boldy. Bu barada Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Zaýniddin Nizamhojaýew habar berdi.

Özbegistanyň taryhynda ilkinji gezek parlament saýlawlary garyşyk saýlaw ulgamy – mažoritar we proporsional esasda geçirildi. Saýlawlaryň netijesinde bäş partiýanyň hemmesi Respublikanyň parlamentine girdi.

– Deslapky netijeler partiýalaryň sanawy boýunça şeýle tertipde: Özbegistanyň Liberal-demokratik partiýasy «Telekeçileriň we işewür adamlaryň hereketi» 34,75 göterim, Özbegistanyň demokratik partiýasy «Milliý Tiklaniş» 18,82 göterim, Özbegistanyň Sosial-demokratik partiýasy «Adolat» 16,2 göterim, Özbegistanyň Halk-demokratik partiýasy 13,12 göterim, Özbegistanyň ekologiýa partiýasy 13 göterim sese eýe boldy – diýip, Zaýniddin Nizamhojaýew aýtdy.



Şeýle hem ol mažoritar ulgam boýunça berlen sesleriň netijelerini mälim etdi:

– Netijelere esaslanyp, Özbegistanyň Liberal-demokratik partiýasy sesleriň 42,7 göterimini we parlamentdäki 64 orny eýeledi – diýip, ol belledi.

Saýlawlara gatnaşyk 74,72 göterim boldy.

## GERB partiýasy öňde barýar

Öňki Premýer-ministr Boýko Borisowyň GERB partiýasyndan we «Demokratik güýçler birleşiginden» düzülen bileleşigi 27-nji oktýabrda Bolgariýada geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw topary habar berdi.

Partiýalaryň koalisiýasy «Ýewropanyň ösüşi üçin Bolgariýanyň raýatlary» we «Demokratik güýçler birleşigi» (GERB-SDS) 26,08 göterim ses alyp, ýurtda geçirilen parlament saýlawlarynda öňdeligi eýeledi. Ikinji orny 14,76 göterim ses bilen «Özgerişligi dowam etdireli» we «Demokratik Bolgariýa» bileleşigi (PP-DB bileleşigi) eýeleýär, üçünji orny 13,81 göterim bilen «Galkynyş» partiýasy eýeleýär. Ondan soň «Hukuklar we azatlyklar üçin hereket – täze başlangyç» (10,36 göterim), «Bolgar sosialistik partiýasy» (7,75 göterim), «Şeýle adamlar bar» (7,02 göterim), «Hukuklar we azatlyklar bileleşigi» (7,14 göterim), «Ahlak, agzybirlik, hormat» (4,70 göterim) we «Beýiklik» (4,13 göterim) ýaly partiýalar gelýär.

Geçen saýlawlardan soň, PP-DB bileleşigi Bolgariýada täze hökümeti döretmek baradaky ýerine ýetirilmedik mandaty yzyna gaýtardy. Ikinji mandat «Hukuklar we azatlyklar hereketi» (DPS) partiýasy tarapyndan kabul edilmelidi, ýöne bölünişik sebäpli onuň fraksiýasy Halk ýygnagynda ikinji orunda



durmagyny bes etdi. Bu Ministrler Kabinetini düzmek üçin parlamentiň 50-nji çagyryşy üçin iň soňky pursatdy. Bolgariýanyň tehniki hökümeti 27-nji awgustda parlamentde kasam kabul etdi. Ondan öň wagtlaýyn hökümetiň Premýer-ministri Dimitar Glawçew öz düzümini ýurduň Prezidenti Rumen Radewe hödürläpdi.

## Parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy

27-nji oktýabrda Litwada geçirilen parlament saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Sosial-demokratik partiýasy ýeňiş gazandy. Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, Wiliýa Blinkýa-



wiçýuteniň ýolbaşçylygyndaky Sosial-demokratlar 141 orunlyk parlamentde (Seým) 52 orna eýe boldular. Ikinji bolup 28 mandat bilen dolandyryjy «Watan bileleşigi – Litwanyň hristian demokratlary» partiýasy gelýär.

Seým 141 deputaty öz içine alýar, olaryň 71-si mažoritar ulgama laýyklykda bir mandatly saýlaw okrugynda, ýene 70-si sanaw boýunça saýlanýar. Parlamente partiýalar 5, koalisiýalar 7 göterimden köp ses alan ýagdaýynda girip bilýärler. Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, saýlawçylaryň 41,31 göterimi ikinji tapgyrda ses berdi. Saýlawlaryň birinji tapgyrynyň netijelerine görä, alty partiýa parlamente girdi we bir mandatly saýlaw okruglarynda ýene sekiz mandat paýlandy.

Saýlawlaryň ikinji tapgyrynda Sosial-demokratlar 37 sany bir mandatly saýlaw okrugynyň 32-sinde ýeňiş gazandy. Şeýle hem olar 20 orna eýe bolup, birinji tapgyrda ýeňiş gazandylar.

Olaryň iň ýakyn eýerijileri soňky saýlawlarda ýeňiji bolan konserwatiw partiýa «Watan bileleşigi – Litwanyň hristian demokratlary» ikinji tapgyrda 10 orna – jemi 28 orna eýe boldular.

## ŞOLS DALAŞGÄR BOLAR

Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols 2025-nji ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek federal saýlawlarda ýene ýeňiş gazanmak isleýändigini mälim etdi.

– Indiki saýlawlarda iň soňky ýeňşim ýaly ýeňiş gazanmak isleýärin – diýip, Şols ZDF telewideniýesiniň habarçysy bilen söhbetdeşlikde aýtdy.

– Indiki saýlawlarda partiýamyň şeýle mandata eýe boljakdygyna ynanýaryn – diýip, Şols belledi. Kansler bu ugurda entek çözülmeli köp meseleleriň bardygyny hem sözüniň üstüne goşdy.

Bundestagyň indiki saýlawlary geljek ýylyň 28-nji sentýabrynda geçiriler. Onuň netijelerine görä, täze hökümet gurlup, täze Kansler saýlanar. Şols ozal hem Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasy tarapyndan özüniň häzirki eýeleýän wezipesine dalaş etjekdigini mälim edipdi. Hristian-demokratik we Hristian-sosial bileleşiginiň dalaşgäri bolsa, Fridrih Mers bolar.

«Germaniýa üçin alternatiwa» (AfD) partiýasynyň dalaşgäriniň häzirki partiýanyň egindeş başlygy Alis Waýdeliň bolmagyna garaşylýar. Şeýle-de bolsa, onuň Kansler bolmak üçin hakyky mümkinçiligi ýok diýen ýaly, sebäbi beýleki syýasy güýçler haýsydyr bir koalisiýanyň çäginde



de ne federal, ne-de sebit derejesinde «Germaniýa üçin alternatiwa» bilen hyzmatdaşlygyň mümkin däldigini öňe sürýärler.

Konserwatorlaryň reýtingi häzirki wagtda, takmynan, 31-32 göterime, Sosial-demokratlaryň goldaw derejesi bolsa, 14-16 göterime ýetýär.

## «Gruzin arzuwy» hasyl boldy

**26-njy oktýabrda häkimiýet başyndaky «Gruzin arzuwy – Demokratik Gruziýa» partiýasy ýurtda geçirilen parlament saýlawlarynda 53,93 göterim ses alyp ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Giorgiý Kalandarişwili habar berdi.**

**Gruziýanyň Premýer-ministri Irakli Kobahidze ýakyn wagtda ýurduň hökümetiniň tassyklanjakdygyny aýtdy.**

**Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, «Gruzin arzuwy» 53,93 göterim, «Özgerişlik üçin koalisiýa» 11,037 göterim, «Agzybirlik – milli hereket» partiýasy 10,164 göterim, «Güýçli Gruziýa» 8,814 göterim, «Gruziýa üçin Gahariýa» 7,771 göterim ses aldy.**



**Bu saýlaw uçastoklarynyň 74 göterimine oturdylan elektron saýlaw gutularyny ulanyp, ýurtda geçirilen ilkinji saýlaw boldy. Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, saýlawlara gatnaşyk 58,94 göterim boldy.**

## «EUROSTAT»-yň TÄZE HASABATY

**Ýewropa Bileleşiginiň statistika edarasy «Eurostat»-yň hasabatyna görä, Günorta we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda ýaşlar ene-atalary bilen has uzak ýaşamaga ýykgyn edýärler. Hasabata görä, Ýewropa Bileleşiginiň ýaşlary, ortaça, 26 ýaşynda ene-atalarynyň öýünden göçýärler. Şeýle-de bolsa, ýurtlara görä, bu ýagdaý düýpli tapawutlanýar. Finlýandiýada, Şwesiýada we Daniýada, adatça, ýaşlar 21 ýaşyndan başlap ene-atasyndan özbaşdak ýaşaýarlar. Horwatiýada, Slowakiýada, Gresiýada, Ispaniýada, Bolgariýada we Italiýada bolsa ýaşlar 30 ýaşyna çenli ene-atalary bilen bile ýaşaýarlar.**

**«Eurostat»-yň hasabatyna görä, Günorta Ýewropada henizem ene-atalary bilen ýaşaýan ýaşlaryň sany has ýokary. Italiýada bu ýagdaý iň ýokary derejede bolup, 20 ýaşdan 29 ýaş aralygyndaky italýanlaryň 80 göterimi ene-atalarynyň öýünde bolýarlar. Bu ýagdaý Gresiýada 78 göterime, Ispaniýada 77 göterime we Portugaliýada 76 göterime deň.**

**Skandinawiýa ýurtlarynda – Norwegiýada, Finlýandiýada, Şwesiýada we Daniýada**




**bu görkezijiler has pes bolup, 20 göterimden hem azdyr. Deňeşdirmek üçin Beýik Britaniýa 43 göterime, ABŞ 39 göterime deň.**

**«Eurostat»-yň hasabatyna görä, Italiýada «Ni-ni nesil» (NEETS) diýlip atlandyrylýan iň ýokary görkezijileriň biri, ýagny 15 ýaşdan 29 ýaş aralygyndaky işlemeýän ýa-da okamaýan ýaşlar bar.**

## Biologik dürlülik boýunça maslahat

21-nji oktýabrdan 1-nji noýabr aralygynda Kolumbiýanyň Kali şäherinde BMG-niň biologik dürlülik baradaky konwensiýasyna (COP16) gatnaşyjylaryň konferensiýasynyň 15-nji mejlisi geçirildi. Bu 2022-nji ýylda Kunming-Monreal şertnamasyna gol çekileli bäri biodürlülige bagyşlanan ilkinji halkara sammitdir. 190-dan gowrak ýurtdan gelen wekiller 2030-njy ýyla çenli Ýer togalagynyň gury ýeriniň we deňziniň, azyndan, 30 göterimini eýeleýän daşky gurşawy goramak maksadyna ýetmekde gazanylan öňegidişlikleri we ýüze çykan meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Maslahata gatnaşýan wekiller ekoulgamlaryň ýaramazlaşmagynyň nädip öňüni almalydygyny we öňki sammitde kesgitlenen maksatlara ýetmek üçin haýsy çäreleri görmelidigi barada pikir alyşdylar.

BMG-niň biologik dürlülik baradaky konwensiýasyna (COP16) gatnaşyjylaryň konferensiýasynyň 15-nji mejlisinde hökümet agzalary, bilermenler we ýerli halklar iki hepdäniň dowamynda tebigaty goramak boýunça global meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Şeýle-de maslahata gatnaşyjylar biodürlülik boýunça Kunming-Monreal çarçuwaly maksatnamasynyň maksatlaryny amala aşyrmak ugrundaky ösüşler barada pikir alyşdylar. Bu maksatnama 2022-nji ýylda Kanadada konwensiýa gatnaşýan taraplaryň soňky maslahatynda kabul edilen şertnamadyr.




Maslahata gatnaşýan wekiller her bir ýurduň maksatlara ýetmek üçin amala aşyrýan tagallalary barada çykyş etdiler we meýilnamany durmuşa geçirmek üçin nädip öňe gitmelidigini ara alyp maslahatlaşdylar.

Kolumbiýanyň daşky gurşaw ministri Sýuzana Muhamad, Kunming-Monreal gün tertibiniň diňe bir daşky gurşaw syýasaty ýa-da maksatlary kesgitleýän aýratyn ýurt meýilnamalary däldigini belledi. Onuň sözlerine görä, bu şertnama hökümetleriň we jemgyýetleriň çuňňur we doly gatnaşmagyny talap edýär.

## NOTR-DAMA GIRIŞ TÖLEGLI BOLAR

**Fransiýanyň medeniýet ministri Raşida Dati Fransiýanyň paýtagtynyň nyşanlaryndan biri bolan Notr-Dama girmek üçin 5 ýewro möçberinde giriş töleginiň girizilmegini teklip etdi. Ol «Le Figaro» neşiriniň habarçysy bilen söhbetdeşlikde şeýle tölegleriň Fransiýanyň ähli ybadathanalaryny abatlamaga ýetjekdigini aýtdy.**

**Raşida Datiniň aýtmagyna görä, bu serişdeleriň hemmesi Fransiýanyň dini mirasyny gorap saklamak boýunça giň gerimli meýilnamalary üçin ulanylar. Ministr ýylda 75 million ýewro ýygnamaga umyt bildirýär. Bu teklibi Fransiýanyň içeri işler ministri Brýuno Retaýo hem goldady.**

**Şeýle hem Raşida Dati milli ýadygärliklere we muzeýlere baryp görmegiň bahalarynyň 2026-njy ýyldan başlap üýtgedilmegini goldady we fransuzlara garanyňda, Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýurtlaryndan gelenleriň milli mirasyň täzelenmegini maliýeleşdirmek üçin has köp pul töläp biljekdigini aýtdy.**

**Notr-Dam ybadathanasy 2019-njy ýylda bolan ýangyndan bäri bäş ýyla çeken abatlaýyş işlerinden soň, 7-nji dekabrda açylar. Notr-Damda dörän ýangynda onuň agaç üçegi, sagady we gümmezi doly weýran bolupdy. Notr-Dam ybadathanasy Parižiň merkezindäki katolik ybadathanadyr. Bu ymarat 1163-1345-nji ýyllar aralygynda gurlup, soňra bu taryhy ýadygärlige dürli ýyllarda köp sanly üýtgeşmeler girizilýär.**



# San-Marino – iki müň ýyllyk kiçijik döwlet



Italiýanyň merkezindäki tokaýlarda gizlenen San-Marino dünýäniň iň gadymy respublikasy hasaplanýar. 1700 ýyldan gowrak wagt bäri garaşsyz bolan bu kiçijik ýurt taryhy ýerleri, owadan tebigaty we medeni baýlyklary bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýär.

Italiýanyň ortasynda, Adriatik deňziniň golaýynda ýerleşýän, iki müň ýyllap garaşsyzlygyny saklap gelýän San-Marino meýdany babatda dünýäniň iň kiçi üçünji ýurdudyr. Ýurduň tutýan meýdany 61,19 inedördül kilometr bolup, 35 müňden gowrak ilaty bar. Ilatyň esasy bölegi italýança gepleşýär. Ýaşuly ilatyň arasynda romagnol şiwesi hem ulanylýar. Ýurduň adybir paýtagtynda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen taryhy ýerler bar.

301-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda resmi taýdan esaslandyrylan bu ýurt taryhyň dowamynda birnäçe öwrülişikleri başdan geçirýär. 1862-nji ýylda Italiýanyň gol çekmegi we razylygy bilen şäher döwleti aýratyn ýurt hökmünde ykrar edilýär.

San-Marino Monte Titano töwereginde, Emiliýa-Romagna we Italiýanyň Marçe sebitleriniň arasynda ýerleşýär. Bu ýurda Rimini şäherinden 20 minutda, Boloniýadan 2 sagatda baryp bolýar. Monte Titano, Guaita, Çesta depeleri ýurduň esasy simwollary hasaplanýar. Bu üç depäniň üstünde taryhy galalar ýerleşip, ýurda barýan syýahatçylaryň esasy gezelenç edýän ýerleridir. Esasan hem, taryhy Marino şäheri ýurduň esasy medeni we syýahatçylyk merkezi hökmünde tapawutlanýar.

Ýurduň ykdysadyýetinde esasy orny syýahatçylyk we oba hojalygy eýeleýär. Ýurtda üzümdir süýt önümleri has köp öndürilýär. San-Marino peýnirleri bilen tanalýar. Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolmadyk ýurtda walýuta hökmünde ýewro ulanylýar. San-Marinonyň şaýylyk teňňeleri hem syýahatçylaryň arasynda örän meşhurdyr. Ýurda gireňsoň pasporta ýelmenýän markalar syýahatçylar üçin iň gowy ýadygärlik hasaplanýar. Her ýyl ortaça 2 million syýahatçy barýan bu ýurda uçarly, gämili ýa-da otluly baryp bolmaýar. San-Marino Rimini şäherinden ulagly ýa-da ýöräp baryp bolýar. Taryhy ýerleri we tebigaty söýüjiler üçin San-Marino iň gowy ýerleriň biridir.

# Limonly suw saglyga peýdalymy ýa-da zyýanly?

**Köplenç gan basyşy ýokarlananda, ýatmazdan öň we dartgynly pursatlarda içilýän limon şiresi sykylan suw saglyk üçin peýdalymy ýa-da zyýanly diýen sorag kopleriň ünsüni özüne çekýär. Dilimlenen limon garyşdyrylan arassa suw rahatlandyryjy we serginlediji içgidir. Limonly suwy ýagdaýa görä içmek saglyk üçin peýdalydyr. Ýöne artykmaç mukdarda limon goşulan suw içilende bedene zyýan ýetirip hem biler.**



**LIMONLY SUWUŇ PEÝDASY:**

Bilşimiz ýaly, limon C witamininiň çeşmesidir. Limon şiresi sykylan suw immuniteti berkidýär, iýmit siňdirişi ýeňilleşdirip, sussupeslik we içgysma ýaly alamatlary aradan aýyrýar. Mundan başga-da, limonly suw gan basyşyny peseltmäge, ýürek saglygyny goramaga, bedende kollagen önümçiligini ýokarlandyryp, derini ýaş we çeýe saklamaga ýardam edýär. Kaliniň baý çeşmesi bolan limonly suw böwrekde daşyň döremeginiň we ýokançlyklaryň öňüni alyp, aýakdaky guragyry alamatlaryny azaldýar. Şeýle hem bedeni toksinlerden arassalap, erkin radikallara garşy göreşmäge ýardam edýär.

**LIMONLY SUWUŇ ZYÝANY:**

Köp tarapdan peýdaly hasaplanýan limonly suw düzüminde kislota saklaýandygy sebäpli, käbir ýagdaýlarda zyýanly hem bolup biler. Limonly suwy köp içmek, ilki bilen, diş üçin zyýanly bolup, dürli gyjynmalary döredip biler. Aşgazan kislotasynyň köpelmegine sebäp bolýan limonly suw içegede we aşgazanda ýaranyň döremegi, gastrit ýaly çynlakaý meseleleri döredip biler. Limonly suw böwregi arassalaýandygy sebäpli, bedende suw ýetmezçiligine getirip biler. Limonly suw bedende demriň siňdirilmegine täsir edip, demir ýetmezçiligine sebäp bolup biler. Şeýle hem dilimlenen limon oklanan suw käte allergiýa hem sebäp bolýar. Şeýle ýagdaýda haýal etmän, maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.

**LIMONLY SUW HORLANMAGA ÝARDAM EDÝÄR**

Bedeniň alyş-çalşygyny güýçlendirýän limonly suw kaloriýa ýakmaga peýdaly bolup, horlanmaga ýardam edýär. Esasan hem, nahardan öň bir bulgur limonly suw içmek iýýän iýmitiňiziň mukdaryny azaltmakda möhüm orun eýeleýär.

**LIMONLY SUWY HAÇAN IÇMELI?**

Haýsy maksat bilen içýändigiňe (horlanmak, iýeniňi siňdirmek, rahatlandyrmak) baglylykda, limonly suwy irden turan badyňa, nahardan soň ýa-da ýatmazdan öň içip bolar. Irden aç garna limonly suw içmek bedenden artykmaç galyndylary aýyrmaga ýardam edýär. Nahardan soň limonly suw içmek iýeniňi siňdirmäge, içegeleriň kadaly işlemegine kömek edýär. Ýatmazdan öň bir bulgur limonly suw içmek dartgynlylygy aýryp, rahat we kadaly ukyny üpjün edýär.

# Siziň halaýan GÜÝMENJÄŇIZ NÄME?

**Tehnologiýanyň çalt depginde ösýän döwründe iş, durmuş aladalary bilen, käte özümiz üçin wagt hem galmaýar. Ýadawlyklar, dartgynly ýagdaýlar we sussupeslik dura-bara adamy eýeläp, höwesiňi gaçyrýar. Hünärmenler iş, durmuş aladalarynyň köpdügine garamazdan, özüň üçin wagt aýyrmalydygyny we iň halaýan güýmenjäň bilen meşgullanmalydygyny aýdýarlar. Her kimiň özüne ýakyn gyzyklanýan zady bar. Kim kitap okamagy halaýan bolsa, kim karokede aýdym aýtmagy gowy görýär. Kim senetçilik gurallaryny ýasap dynç alýan bolsa, kim janly-jandarlara ideg etmegi halaýar. Umuman, her bir adamyň hökmany ýagdaýda öz gyzyklanmasy bolaýmaly. Hepdede azyndan bir gezek öz halaýan güýmenjäň bilen meşgullanmak akyl we beden saglygy üçin wajyp bolup durýar.**



**GÜÝMENJÄNIŇ PEÝDASY?**

☑ Güýmenje aňy köşeşdirýär, aladalardan daşlaşmaga, pikirleri jemlemäge we kelläni durlamaga ýardam edýär.

☑ Göwnüňe ýaraýan güýmenjäň bilen meşgullanmak adama şatlyk getirip, durmuşa bolan söýgiňi artdyrýar. Wagtyňy gyzykly geçirmäge, täze zatlary öwrenmäge itergi berýär.

☑ Stres adamda köp kynçylyklary döredip, labirint ýaly biri-birine sepleşip gidiberýär. Hünärmenler dartgynly pursatlary başdan geçirýän adamlara köp zatdan daşlaşyp, özüne ýakyn bolan pişe bilen meşgullanmagy maslahat berýärler.

☑ Halaýan güýmenjäň bilen meşgullanmak özüňe bolan ynamy artdyryp, täze zatlary öwrenmek we oýlap tapyşlary ösdürmek endiklerini ýüze çykarýar.

☑ Güýmenje adamlaryň arasynda özara baglanyşygy ösdürip, birek-birege bolan söýgini we ynamy döredýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jebisleşdirip, agzybirligi, birek-birege kömek etmek endiklerini döredýär.

☑ Hünärmenler güýmenjäni duýgularyň lukmany hökmünde suratlandyrýarlar. Halaýan pişäňe wagt aýyrmak duýgy taýdan özüňi dürsemäge we rahatlanmaga ýardam edýär.

☑ Güýmenje adamyň döredijilik işini ösdürýär, täze pikirleri döredip, kynçylyklary, meseläni aňsatlyk bilen çözmegiň ýoluny tapmaga mümkinçilik berýär.

At münmek, saz çalmak, surat çekmek, şähere aýlanmak, kitap okamak, dil öwrenmek, kino görmek, senet bilen meşgullanmak, kolleksiýa ýygnamak, ösümliklere we janly-jandarlara ideg etmek dünýäniň iň meşhur güýmenjeleri hasaplanýar.

## ÇAGALAR

**Gargalar 20 ýyla çenli ýaşaýarlar. Sowuk howany halaýan bu guşlar her ýyl azyndan 500 kilometr ýol geçýärler.**

# Haýwanat dünýäsiniň IŇ AKYLLY JANDARLARY

**Ýabany tebigatda ugurtapyjylygy we kämil hereketleri bilen ünsi özüne çekýän jandarlaryň birnäçesi ýaşaýar. Bulara maýmynlaryň, guşlaryň, deňiz süýdemdirijileriniň, oňurgasyzlaryň we hatda balyklaryň hem käbir görnüşi degişli bolup, «akylly jandarlar» ady bilen tanalýar. Geliň, haýwanat dünýäsiniň iň akylly jandarlary bilen tanyş bolalyň!**











**BONOBO.** Şimpanzeleriň «doganoglany» hasaplanýan bonobolar akyllylygy we ugurtapyjylygy taýdan beýleki maýmynlardan tapawutlanýar. Iýjek zadyny, dyrmaşjak agajyny, nireden howpuň geljekdigini pikirlenip bilýän bu garaja maýmynlaryň agramy 45 kilograma ýetýär. Dünýäde ýeketäk bir ýerde duş gelýän – Kongo Demokratik Respublikasynda ýaşaýan bonobolar ýaprak, ter baldaklar, miweler, gurçuk we mör-möjekdir ownuk balyklar bilen iýmitlenýärler. Geçirilen barlaglara görä, adamsypat maýmynlaryň bu görnüşiniň 26 ýyldan soň hem öň gören tanyş ýüzüni tanap bilýändigi ýüze çykaryldy. Bonobolar öz aralarynda ýüze çykýan düşünişmezlikleri dawalaşmak arkaly däl-de, asuda ýol bilen çözýärler.

**GARGA.** Guşlar maşgalasynyň iň akyllysy bolan gargalar adamyň ýüzüni ýatda saklamakdan başlap, çylşyrymly ýagdaýdan baş alyp çykmagy başarýarlar. Geçirilen barlaglaryň netijesinde gargalaryň 7 ýaşly çaga ýaly pikirlenip bilýändigi ýüze çykaryldy. Dünýäniň ähli ýerinde duş gelýän gara guşlar aslynda «meşhur syýahatçylar» hasaplanýar. Sowuk howany halaýan bu guşlar her ýyl azyndan 500 kilometr ýol geçýärler. Gargalar ýaşaýan we syýahata barýan ýerine baglylykda, islendik zat bilen iýmitlenip bilýärler. Iýmit dandamaýan bu guşlar hozdur şänigi çakmak üçin çüňki bilen dişläp ýokarlygyna uçýarlar we gaty ýere ýa-da asfaltyň üstüne oklaýarlar. Soňra bolsa aşak düşüp, döwlen maňyzlary iýýärler. Gargalar 20 ýyla çenli ýaşaýarlar.

**ŽAKO (çalymtyl toty).** Totularyň içinde akyllylygy bilen tapawutlanýan çalymtyl ýelekli, gyzyl guýrukly Afrika žakolary tebigatda duş gelýän howplardan baş alyp çykmaga has ökde. Hünärmenler geçirilen barlaglaryň netijesine görä, žakolaryň daş-töwerekde bolup geçýän zatlara 5 ýaşly çagalar ýaly akyl ýetirip bilýändigini belleýärler. Tokaýda ýaşaýan beýleki guşlara hem görelde bolýan bu öýkünjeň guşlar miwe, käbir ösümlikleriň tohumy, agaçlaryň güli hem-de pyntygy bilen iýmitlenýärler. Köpelişi çäkli bolan çalymtyl ýelekli totular ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hatarynda görkezilýär. Öýde saklanýan iň owadan guşlaryň biri bolan žakolaryň esasy bölegi haýwanat baglarynda saklanýar.

**KOSATKA.** Delfinler maşgalasynyň iň uly agzasy bolan alabeder balyklar suwda ýaşaýan jandarlaryň iň akyllysy hasaplanýar. Balykçylaryň arasynda «ganhor kitler» ady bilen tanalýan bu balyklar Arktikadan Antarktika çenli aralykdaky tropik deňizlerde duş gelýär. Maşgala bolup ýaşaýan bu ýyrtyjy balyklar ownuk deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Geçirilen barlaglara görä, kosatkalaryň beýnisiniň işjeňliginiň 15 ýaşly adamyň beýnisi bilen deňdigi bellenilýär. Aýdylan söze düşünip, hereketleri gaýtalap, täze zatlary öwrenip bilýän bu jandarlar köplenç suw teatrlarynda ýörite idedijisi bilen dürli oýunlary görkezip tomaşaçylara hezil berýärler. Kosatkalar duýgy taýdan ösen jandarlar hasaplanýar.

**ZÄHERLI GURBAGA.** Günorta Amerikanyň tropik tokaýlarynda ýaşaýan garamtyl-sary gurbagalar dünýäniň iň akylly we iň zäherli gurbagasy hasaplanýar. Bu gurbagalaryň ululygy 6-7 santimetre ýetýär. Zäherli gurbagalaryň reňki açyk bolup, daş-töweregindäki jandarlara duýduryş beriji garamtyl nagyşlary bar. Süýrenijileriň arasynda iň işjeň beýnisi bolan zäherli gurbagalar ýaşamak, iýmit gözlemek, ýumurtgalamak üçin iň howpsuz ýeri saýlap alýarlar.

Bulardan başga-da, dünýäniň iň akylly jandarlarynyň sanawynda deňiz ýolbarslary, samyr, wrasse (arassaçyl balyk) we karakatisy (oňurgasyz balyk) gelýär.

# GYŞDA ÜŞEMEÝÄRMI?

**Gyş paslynyň golaýlamagy bilen howa sowap başlaýar. Günler gysgalyp, gijeler uzalýar. Adamlar howa şertine görä geýnip, sowukdan we yssydan goranyp bilýärler. Emma janly-jandarlar tutuş ýyly şol bir beden örtüginde geçirýärler. Ýagny guşlar şol bir ýelek örtügi bilen ýaz paslyny hem, gyş paslyny hem geçirýär. Eýsem, «eginbaşyny» çalyşmaga mümkinçiligi bolmadyk janly-jandarlar gyşyna üşemeýärmi? Olar sowuk howa nädip döz gelýärler?**

**Aslynda, ähli jandara-da howanyň ýylylygynyň üýtgemegi öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, itler 40 dereje sowukda buzda taýýan arabany çekýän bolsalar, balyklar buzuň aşagynda ýaşaýarlar. Eýsem, bu jandarlar sowuk howa nädip uýgunlaşýarlar? Olary howanyň üýtgemeginden goraýan esasy iki sebäp bar. Birinjisi, howanyň ýagdaýyna görä, olaryň bedeniniň gyzgynlygy üýtgeýär, ikinjisi bolsa, olaryň käbirleriniň tüýi gyşyna ösýär, ýazyna bolsa düşüp täzelenýär. Şeýlelikde, haýwanlar öz-özüni sowukdan we yssydan goraýarlar.**

**Şeýle hem her bir jandar öz ýaşaýan ýeriniň şertine görä ýaradylýar. Mysal üçin, has sowuk ýerlerde ýaşaýan jandarlaryň bedeni yssy howaly ýerlerdäkiden on esse köp ýylylyk öndürýär, tüýi ösgün we derisi has galyň bolýar. Mundan başga-da, sowuk ýerde ýaşaýan jandarlaryň derisiniň astyndaky ýag gatlagy olary sowukdan goraýar. Bu jandarlaryň damarlary hem derisine golaý bolup, bedeninde yzygiderli aýlanýan gan arkaly ýylylyk saklanýar. Geçirilen barlaglarda buzuň aşagynda ýaşaýan balyklaryň «üşemeýändikleriniň» sebäbi anyklandy. Görlüp oturylsa, balyklaryň derisinde buz kristallarynyň doňmak derejesini peseldýän protein bar eken. Antarktikanyň esasy «ýaşaýjylary» bolan pingwinler bolsa, aşa sowuk möwsümde bir ýere üýşüp, biri-birini sowukdan goraýarlar. Bu guşlar belli tertipde hatara düzülip, süriniň gyrasynda duranlar ortadakylar bilen ýerlerini yzygiderli çalşyp durýar. Şeýlelikde, gyrada galyp üşän guşlar orta girip ýylynýar.**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Şekilli sudoku**

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



**Gyzykly pursat**



## 53-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Fizikanyň sesi öwrenýän bölümi. **2.** Köpýyllyk, ýarym gyrymsy ýabany ösümlik. **3.** Pil saplananda, sapyň içinden geçirilen çüýüň üstünden goýulýan ýasyja demir. **5.** Belarusly meşhur tennisçi ... Sabalenko. **6.** «Ýelken aýakla ýetdirmez, ýetdirse-de tutdurmaz» (matal). **7.** «Mundan urdum gylyjy, Arapda şaňlar ujy» (matal). **8.** Gezip ýören derwüş. **12.** Gynanç bildirilip tutulýan matam. **14.** Dört çaryýarlaryň biri. **18.** Süýt önümi. **20.** Bugdaý, arpa ýaly däne gömlüp saklanylýan çukur. **22.** «Dagdan indim, daşdan indim» (matal). **25.** Bir zadyň ýa-da biriniň daş görnüşi, keşp. **26.** Suwy akdyrmak üçin ýerasty geçirijileriň ulgamy. **27.** Guýrugy ak, çypar reňkli at. **29.** Ýurdumyzda bir derýa. **30.** Ylymly, parasatly, ile görelde bolýan. **31.** Iri göwreli, tagaşyksyz. **37.** Klawiatura düwmesi. **39.** Gawunyň bir görnüşi. **41.** Atlara bezeg üçin dakylýan esbap. **42.** Küşt oýnunda oýunçynyň öz şasyny howp astynda goýup, göçmeli bolýan ýagdaýy. **43.** «Bir azajyk mawuja, degen ýeri awuja» (matal). **45.** Belli bir işiň başyny tutmaýan, işsöýmez, ýalta. **47.** Howatyrlanyp hereket edýän, hüşgär. **50.** Oglan ady. **51.** Örän oňat, haýran galdyryjy. **53.** Ýüz, ýaňak, keşp sözleriniň nusgawy edebiýatda aňladylyşy. **54.** Ýer işlerinde, daş goparmak üçin ulanylýan ujy çiş demir. **56.** «..., bäs eýlemiş gyzyl gül bile» (Kemine).

**KESELIGINE:** **4.** Dört ýaşyndaky goýun. **9.** Bedeni syh-syh, alabeder tikenli jandar. **10.** Halynyň älemine salynýan ortasy goçakly, ganat şekilli nagyş. **11.** Şar görnüşli uçurylýan oýnawaç. **12.** Baldaklaryndan örme önümler ýasalýan köpýyllyk ösümlik. **13.** Boşiçegeler maşgalasyna degişli suwda ýaşaýan oňurgasyz jandar. **15.** Italiýada bir wulkan. **16.** Ýewropada bir derýa. **17.** Uzyn murtly, göni ganatly möjejik. **19.** Bedewlere dakylýan at. **21.** Reňk. **23.** Gyzylyň bir öwüşgini. **24.** Hažžyga meňzeş süýreniji. **26.** Nota. **28.** Boş, ugursyz gürrüň edip ýören. **29.** Düýeguşuň bir görnüşi. **31.** Edermen, batyr, gaýratly. **32.** Agyry, ynjy. **33.** Bolgariýada bir şäher. **34.** Pilçe süňküniň ujundaky ýumşak kekirdewük. **35.** Göwräni kelle bilen birikdirýän içi ýilikli süňk. **36.** Ýyrtyjy jandar. **38.** Ýylan (köne söz). **39.** «... ady bilen, ýigit ody bilen» (nakyl). **40.** Birine degişli bolan haryt, baýlyk. **42.** Içi zaýalanan, içi düşen. **44.** Awtoulag kysymy. **46.** «Çenli, deňiç» sözsoňy kömekçilerine manydaş kömekçi söz. **48.** Ýüplük egirmek üçin gural. **49.** Tantal himiki elementiň gysga aňladylyşy. **50.** Ilkinji ynsan. **52.** Perişdeleriň biri. **55.** Towugyň ýumurtga basyp ugraýan wagtyndaky ýagdaýy. **57.** Rus adam ady. **58.** Niýet, isleg-arzuw. **59.** Elguş oturar ýaly ýörite edilýän sokudaş görnüşli beýiklik. **60.** Ussanyň iş guraly. **61.** Sugunyň başgaça atlandyrylyşy. **62.** Sabyrly, kaýyl bolýan. **63.** Iki adam bolup işledilýän iki tutarly uly byçgy.

**Aýşere TAGANDURDYÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## № 12 Üç ölçegli surat



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 11

**51-nji krosswordyň jogaby:**

**52-nji krosswordyň jogaby:**

## SÖZ GOÝMAK

**2 HARPLY:** Şa, Om; **3 HARPLY:** Ata, küý, aýn, AEk; **4 HARPLY:** Üsti, nagt, ilik, ökde, Nury; **5 HARPLY:** Bugra, ogşuk, andyz, guduz, dutar, akaba, Arsag, endam, alaja, näzik, rowaç, asuda, kürsi, ýitgi, Aýowo, urgan, kefal; **6 HARPLY:** Togrul, karate, kinaýa, damana, ananas; **7 HARPLY:** Derweze, Geredot, lälezar, kolrabi, Defakto, Malatýa, raketka, syrtlan, epopeýa, izobara, aýmança, Wamberi, atgulak, alkymsa, nusgawy, akýürek; **8 HARPLY:** Ilçihana, özbaşdak.

**Gülaýym BEGMYRADOWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 45-nji SKANWORD

**Merdan ORAZLYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 46-njy SKANWORD

**Ogulhajar ÝAGDYÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# «Arkadag» toparynyň halkara ýaryşdaky ilkinji ýeňişleri

AFK-nyň Çagyryş Ligasynda (AFC Challenge League) çykyş edýän ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary topardaky ilkinji 2 duşuşygynda ýeňiş gazandy. Merkezileşdirilen görnüşde geçirilýän toparçalaýyn tapgyrda «Arkadag» topary «B» toparçada çykyş edýär. Kuweýt döwletiniň paýtagty Kuweýt Sitide geçirilýän «B» toparçanyň duşuşyklarynda «Arkadag» topary ilki Maldiwleriň «Maziýa» topary bilen duşuşdy. Hindistanly Ramaçandran Wenkateşiň eminlik eden oýnunda ilki bilen «Maziýa» topary 45-nji minutda Kantilýananyň goly esasynda öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezen ildeşlerimiz ýeňiş gazanmagy başardy. Oýnuň 66-njy minutynda Didar Durdyýew hasaby deňlese, 10 minutdan soňam Altymyrat Annadurdyýew ýeňiş goluny geçirdi. Şunlukda, «Arkadag» topary halkara ýaryşyndaky ilkinji duşuşygynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy.



Ýer eýeleri «Al-Arabi» bilen Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da Merkezi Aziýanyň wekili Erbol Atabaýewiň 62-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasabynda üstün çykdy.

Toparçadaky 2-nji duşuşyklaryň 2-si hem 2–0 hasaplar bilen tamamlandy. «Arkadag» topary Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata» topary bilen duşuşyp, 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ildeşlerimiziň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Arkadag» toparyna ýeňiş getiren gollary 26-njy minutda Şamämmet Hydyrow bilen 50-nji minutda Abdy Bäşimow derweze girizdi.

Toparçanyň beýleki duşuşygy hem şol hasap bilen tamamlanyp, «Al-Arabi» topary «Maziýany» Majed we Halafyň 7-nji we 8-nji minutlarda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. 2-nji oýunlardan soň «Arkadag» toparynyň 6 utugy bolup, ýurdumyzyň çempiony 1-nji orny eýeleýär. 3 utukly 2 topardan «Abdyş-Ata» 2-nji, «Al-Arabi» 3-nji orunda barýar. Entek utugy bolmadyk «Maziýa» topary 4-nji ýeri eýeleýär we olaryň ýaryşy dowam etmek mümkinçiligi galmady. Şu gün oýnaljak 3-nji duşuşyklarda «Arkadag» toparyna toparçada 1-nji orny eýelemek üçin deňme-deňlik hem ýeterlik bolar. Şu gün «Arkadag» topary ýer eýeleri «Al-Arabi» bilen, «Abdyş-Ata» bolsa «Maziýa» bilen duşuşar.

***Ogulgözel Jümmyýewa,***
***Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje adyndaky ýöriteleşdirilen 72-nji orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.***

# 3 oýunda myhmanlar üstün çykdy

**Futbol boýunça ýurdumyzyň milli çempionatynda 28-nji tapgyryň 3 duşuşygy geçirildi. Geçirilen 3 duşuşykda-da myhmanlar ýeňiş gazandy. «Altyn asyr» topary myhmançylykda «Şagadamy» Selim Nurmyradowyň 9-njy minutdaky goly bilen 1-0 hasabynda utdy. Şol hasap «Merw» bilen «Ahalyň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, myhmanlar Ibraýym Amangeldiýewiň 35-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňşini baýram etdi. Paýtagt derbisinde-de «Aşgabat» myhmançylykda «Köpetdag» toparyndan 2-0 hasabynda üstün çykdy. Gollary 25-nji minutda Begmyrat Pirkulyýew bilen 77-nji minutda Möwlamberdi Goşşanow öz atlaryna ýazdyrdy.**

TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 26 | 26 | 0 | 0 | 126—19 | 78 |
| 2 | «AHAL» | 26 | 19 | 1 | 6 | 56—27 | 58 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 24 | 18 | 1 | 5 | 59—24 | 55 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 25 | 11 | 1 | 13 | 33—35 | 34 |
| 5 | «MERW» | 25 | 9 | 2 | 14 | 18—52 | 29 |
| 6 | «NEBITÇI» | 26 | 8 | 2 | 16 | 22—54 | 26 |
| 7 | «AŞGABAT» | 26 | 6 | 4 | 16 | 21—51 | 22 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 26 | 3 | 5 | 18 | 16—54 | 5 |

# Çempiona 10 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanmak başardanok

Formula 1 boýunça möwsümiň 20-nji ýaryşy Meksikanyň paýtagty Mehiko Sitidäki Hermano Rodrigesiň adyny göterýän trassada geçirildi. 71 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Ferrari» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junior ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşyny 1 sagat 40 minut 55,800 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 9-njy ýeňşidir. Ýaryşda 2-nji ýeri «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris eýeläp, ol ýeňijiden 4,705 sekunt yza galdy. Ýeňijiniň topardaşy, monakoly sürüji Şarl Lekler 34,387 sekunt soň pellehana gelip, münberiň 3-nji basgançagyna çykdy. «Mercedes» toparynyň sürüjileri Lýuwis Hamilton bilen Jorj Rasselliň 4-5-nji ýerleri eýelän ýaryşynda sanawyň lideri, «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen 6-njy orun bilen oňňut etmeli boldy. Ol 10 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanyp bilmän gelýär.

Möwsümiň tamamlanmagyna 4 ýaryş galanda, Maks Werstappen 362 utuk bilen



liderligini dowam edýär. 2-nji ýerdäki Lando Norrisiň 315 utugy bar. Az hem bolsa çempion bolmak mümkinçiligi dowam edýän Şarl Lekler 291 utuk toplap, 3-nji ýerde barýar.

Möwsümiň 21-nji ýaryşy 3-nji noýabrda Braziliýanyň Sao Paulu şäherinde geçiriler.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*1-nji noýabr (anna)*

Monako – Anže (23:00)
**Baýer – Ştutgart (00:30)**
**Lill – Lion (01:00)**

*2-nji noýabr (şenbe)*

**Nýukasl – Arsenal (17:30)**
Bornmut – Man. Siti (19:00)
Liwerpul – Braýton (19:00)
Bawariýa – Union Berlin (19:30)
PSŽ – Lans (21:00)
Udineze – Ýuwentus (22:00)
**Borussiýa D – Leipsig (22:30)**
**Aýaks – PSW (22:45)**
**SSKA – Spartak (22:45)**
Monza – Milan (00:45)
Walensiýa – Real Madrid (01:00)
Feýenoord – AZ Alkmaar (01:00)

*3-nji noýabr (ýekşenbe)*

**Napoli – Atalanta (16:30)**
Atletiko – Las Palmas (18:00)
**Tottenham – A. Willa (19:00)**
Torino – Fiorentina (19:00)
Barselona – Espanýol (20:15)
**Trabzonspor – Fenerbahçe (21:00)**
**M. Ýunaýted – Çelsi (21:30)**
Sewilýa – R. Sosiedad (22:30)
Nant – Marsel (00:45)
Inter – Wenesiýa (00:45)
Atletik – Betis (01:00)

*4-nji noýabr (duşenbe)*

Lasio – Kaliari (00:45)
Fulham – Brentford (01:00)
Selta – Hetafe (01:00)

# TEN HAGYŇ ORNUNA AMORIM

«Premier Liganyň» wekili «Mançester Ýunaýted» baş tälimçisi Erik ten Hagyň wezipesinden boşadylandygyny resmi ýagdaýda habar berdi. Klub tarapyndan berlen beýanatda: «Erik ten Hag «Mançester Ýunaýtediň» tälimçisi wezipesinden boşadyldy. Oňa sagbolsun aýdyp, mundan soňky işlerinde-de uly üstünlik arzuw edýäris» diýilýär. 2022-nji ýylyň maý aýynda «Mançester Ýunaýtediň» tälimçiligine bellenen Ten Hag 1-nji möwsüminde çempionaty 3-nji orunda tamamlady. Käbir duşuşyklarda güýçli garşydaşlaryndan uly hasaply utulan «Ýunaýted» onuň tälimçiliginde 2-nji möwsüminde 8-nji ýeri eýeledi. Bu möwsüme-de 9 oýunda 3 ýeňiş, 4 deňlik bilen başlan mankunianlar häzirki wagtda 14-nji orunda barýar.



Klub onuň tälimçiliginde ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 128 oýun geçirdi. Şolaryň 70-sinde ýeňiş gazanyp, 35-sinde utuldy. 23 oýunda-da deňme-deň netijeler hasaba alyndy. «Mançester Ýunaýted» Ten Hagyň tälimçiliginde Liga Kubogyny (2022/23) hem-de FA Kubogyny (2023/24) gazandy.

«Mançester Ýunaýted» toparynda Erik ten Hagyň ornuna Portugaliýanyň «Sporting» toparynyň tälimçisi Ruben Amorim wezipä bellendi. 39 ýaşyndaky tälimçi üçin «Ýunaýted» topary «Sportinge» 10 million ýewro öweztöleg puluny berer. Ýaş tälimçi bilen ýakyn günlerde resmi şertnama baglaşylar.

«Belenenses», «Benfika», «Braga», «Al Wakrah» ýaly klublarda çykyş eden Amorim tälimçilige 2018-nji ýylda «Kasa Pia» toparynda başlap, 2019-njy ýylda «Braga B» toparyna, soňlugy bilenem «Braga» toparynyň tälimçisi bolýar. Ol 2019/20 möwsüminde «Braga» toparyna Portugaliýanyň Liga Kubogyny gazandyrýar. 2020-nji ýylyň martynda-da «Sporting» toparynyň tälimçisi bolan Amorim üçin lissabonlylar «Braga» toparyna 10 million ýewro berýär. 2020/21 we 2023/24 möwsümlerinde paýtagtlylara Portugaliýanyň çempionlygyny, şol sanda-da 2020/21 we 2021/22 möwsümlerinde-de Portugaliýanyň Liga Kubogyny gazandyrýar.

# Soňky 5 ýylda 4-nji çempionlyk

**Gyş paslynda çempionaty geçirilmeýän ýurtlaryň biri bolan Şwesiýanyň milli ligasy «Allsvenskan»-da çempion belli boldy. 28-nji tapgyrda «Gýoteborg» toparyny 2-1 hasabynda ýeňen «Malmö» kluby möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, soňky 5 ýylda 4-nji gezek çempion bolmagy başardy. Bu olaryň umumylykda 24-nji çempionlygydyr. Topar Şwesiýanyň iň köp çempionlyk gazanan kluby bolup, bu ugurda «Gýoteborg» 18 çempionlyk bilen 2-nji ýerde barýar.**



**Möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, çempion «Malmöniň» 61 utugy bar. 2-nji ýerdäki «Hammarbi» 53, 3-nji orunda AIK 51, 4-nji basgançakdaky «Ýurgorden» 50 utuk toplap, olaryň üçüsiniň arasynda Ýewropa ligalaryna gatnaşmak ugrunda ýiti göreş dowam edýär.**

# «Barselona» öz rekordyna «Realyň» şärik bolmagyna ygtyýar bermedi

Ispaniýanyň çempionatynda 11-nji tapgyryň merkezi oýny Madridde «Real» bilen «Barselonanyň» arasynda oýnaldy. 258-nji resmi «El Klasikoda» ýeňiş katalonlaryň tarapynda boldy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda «Barselona» gadym bäsdeşini 4-0 hasabynda derbi-dagyn etdi. Gollary 54-nji we 56-njy minutlarda Robert Lewandowski, 77-nji minutda Ýamal, 84-nji minutda da Rafinýa geçirdi. Duşuşykda 8 gezek ofsaýta düşen Mbappe 3-4 sany ärän amatly pursaty elden giderdi. Onuň geçiren 2 goly-da ofsaýt sebäpli hasaba alynmady. Şunlukda, «Barselona» garşydaşyny 101-nji gezek ýeňlişe sezewar etdi. 42 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Real Madridiň» «La Ligada» ýeňlişsiz seriýasy tamamlanyp, ol şu duşuşykda-da ýeňiş gazanan ýagdaýynda «Barselonanyň» rekordyna şärik bolmalydy. Ýöne Hansi Flikiň tälimçiligindäki «Barselona» rekordyň paýlaşylmagyna rugsat bermedi. «Barselona» topary «Real Madridi» myhmançylykda şu asyrda 7-nji gezek uly hasap bilen utdy. Duşuşykda 3-nji goly geçiren Lamin Ýamal «El Klasikoda» tapawutlanan iň ýaş futbolçy boldy.



Ispaniýanyň çempionatynda «Real Madridden» soň «Atletiko Madrid» hem ýeňlişe sezewar boldy. «Betisden» Himenesiň 4-nji minutdaky awtogoly esasynda asgyn gelen «Atletiko Madrid» şu möwsümde ilkinji gezek ýeňildi. Şunlukda, «La Ligada» Madridiň 2 wekiliniň hem bir tapgyrda utulmagyndan soň ýeňlişsiz topar galmady. «Osasuna» hem myhmançylykda «Real Sosiedady» 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

# 8 gol geçirilse-de, ýeňiş gazanan ýok

**Italiýanyň çempionatynda 9-njy tapgyrda «Italia» derbisi oýnaldy. Juseppe Meazza stadionynda geçirilen duşuşykda soňky çempion «Inter» bilen «Ýuwentus» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda janköýerler 8 goluň şaýady bolsalaram, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. 15-nji minutda Piotr Zielinski penalti golundan «Interi» öňe saýlady. Ýöne 5 minutdan soň Duşan Wlahowiç hasaby deňledi. 27-nji minutda bu gezek «Ýuwentus» öňe geçdi. Bu goly Timoti Wea derweze girizdi. 35-nji minutda tejribeli Mhitarýanyň goly bilen «Inter» hasaby deňledi. 2 minutdan soňam ýene-de Zielinski penaltini dürs urdy we «Inter» öňe saýlandy. 2-nji ýaryma-da «Inter» gol bilen başlady. 51-nji minutda Denzel Dumfris aratapawudy 2 gola çykardy. Duşuşygyň 61-nji minutynda «Ýuwentusda» Weanyň ornuna Kenan Ýyldyz oýna girdi. Ol 71-nji we 82-nji minutlarda tapawutlanyp, toparyny ýeňlişden halas etdi. Duşuşyk 4-4 hasabynda deňlikde tamamlandy. «Atalanta» bolsa öz meýdançasynda «Weronany» 6-1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Retegi bilen Lukman 2 gol geçirdi. «Fiorentina» öz meýdançasynda paýtagtyň «Romasyny» 5-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Moýza Ken**



**2 goly derweze girizdi. «Bolonýa» – «Milan» duşuşygy soňa goýuldy.**

**10-njy tapgyrda «Milan» «San Siroda» «Napoliden» 2-0 hasabynda utuldy (Lukaku 5, Kwarasheliýa 43). «Inter» myhmançylykda «Empolini» 3-0 ýeňen bolsa (Frattezi 50, 67, Lautara Martines 79), «Ýuwentus» Turinde «Parma» bilen 2-2 deňme-deň oýnady (Makkenni 31, Wea 49 – Del Prato 3, Zom 38).**

## PREMIER LEAGUE (9) — 31 gol

**Lester—N. Forest: 1–3** (Wardi 23 — Ýeýts 16, Wud 47, 60), **A. Willa—Bornmut: 1–1** (Barkli 76 — Ewanilson 90+6), **Brentford—Ipswiç: 4–3** (Wissa 44, Klark 45+1 ö.d., Mbemo 51 p, 90+6 — Şmodiks 28, Hörst 31, Delap 86), **Braýton—Wulwerhempton: 2–2** (Welbek 45, Aýt-Nuri 88 — Ferguson 85, Mateus Kunýa 90+3), **M. Siti—Southempton: 1–0** (Holann 5), **Ewerton—Fulham: 1–1** (Beto 90+5 — Iwobi 61), **Çelsi—Nýukasl: 2–1** (Jekson 18, Palmer 47 — Isak 32), **K. Palas—Tottenham: 1–0** (Mateta 31), **West Ham—M. Ýunaýted: 2–1** (Sammerwill 74, Bowen 90+2 p — Kazemiro 81), **Arsenal—Liwerpul: 2–2** (Saka 9, Merino 43 — Wan Deýk 18, Salah 81)

## LA LIGA (11) — 19 gol

**Espanýol—Sewilýa: 0–2** (Lukebakio 20, 45), **Walýadolid—Wilýarreal: 1–2** (Silla 60 p — Barri 29, Aýose Peres 84), **R. Wallekano—Alawes: 1–0** (Siwera 80 ö.d.), **Las Palmas—Žirona: 1–0** (Aleks Munios 42), **Real Madrid—Barselona: 0–4** (Lewandowski 54, 56, Ýamal 77, Rafinýa 84), **Leganes—Selta: 3–0** (Garsiýa 59, Braşanas 78, Gonzales 82), **Hetafe—Walensiýa: 1–1** (Arambarri 90 — Barreneçea 36), **Betis—Atletiko: 1–0** (Himenes 4 ö.d.), **R. Sosiedad—Osasuna: 0–2** (Torro 23, Budimir 34), **Malýorka—Atletik: 0–0**

## SERIE A (9) — 26 gol

**Udineze—Kaliari: 2–0** (Lukka 38, Dewis 78), **Torino— Komo: 1–0** (Nžie 75), **Napoli—Leçce: 1–0** (Di Lorenzo 73), **Atalanta—Werona: 6–1** (De Roon 6, Retegi 9, 58, De Ketelare 14, Lukman 29, 34 — Sarr 42), **Parma—Empoli: 1–1** (Şarpantie 80 — Kulibali 35 ö.d.), **Lasio—Jenoa: 3–0** (Noslin 21, Pedro 86, Wesino 90+5), **Monza—Wenesiýa: 2–2** (Kiriýakopulos 23, Juriç 44 — Ellertsson 15, Swoboda 39), **Inter—Ýuwentus: 4–4** (Zielinski 15 p, 37 p, Mhitaryan 35, Dumfris 53 — Wlahowiç 20, Wea 27, Ýyldyz 71, 82), **Fiorentina—Roma: 5–1** (Ken 9, 41, Beltran 17 p, Bowe 52, Hummels 71 ö.d. — Kone 39), **Bolonýa—Milan** (soňa goýuldy)

## BUNDESLIGA (8) — 23 gol

**Maýns—Borussiýa M: 1–1** (Laýner 55 ö.d. — Klýaýndinst 57), **Ştutgart—Holştaýn: 2–1** (Undaw 19, Ture 61 — Gigowiç 84), **Leipsig—Fraýburg: 3–1** (Orban 47, Gertruida 58, Openda 79 — Doan 15), **Augsburg—Borussiýa D: 2–1** (Klod-Moris 25, 50 — Malen 4), **Sankt-Pauli—Wolfsburg: 0–0, Werder—Baýer: 2–2** (Dukş 74, Şmid 90 — Bonifeýs 30, Agu 77 ö.d.), **Bohum—Bawariýa: 0–5** (Olise 6, Musiala 26, Keýn 58, Sane 65, Koman 71), **Union Berlin—Aýntraht: 1–1** (Hollerbah 66 — Gýotse 14), **Haýdenhaým— Hoffenhaým: 0–0**

## LIGUE 1 (9) — 29 gol

**Renn— Le Hawr: 1–0** (Gomes 54), **Anže—Sent-Etien: 4–2** (Abdelli 7, Aolu 39, Niang 68 p, Dieng 90+3 — Dawitaşwili 16 p, 57), **Reýms—Brest: 1–2** (Okumu 29 — Fewr 4 p, Balde 18), **Lans—Lill: 0–2** (Dewid 90+8 p, Baýo 90+11), **Lion—Oser: 2–2** (Mikautadze 45+5 p, 62 — Diomande 47, Traore 72), **Strasbur—Nant: 3–1** (Santos 17, 57, Bakwa 74 — Girassi 83), **Monpelie—Tuluza: 0–3** (Abuhlal 5, 8, King 27), **Nissa—Monako: 2–1** (Gessand 45+1, Labord 71 — Embolo 39), **Marsel—PSŽ: 0–3** (Neweş , Balerdi 29 ö.d., Barkola 40)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 9 | 7 | 2 | 0 | 20-9 | 23 |
| 2 | LIWERPUL | 9 | 7 | 1 | 1 | 17-5 | 22 |
| 3 | ARSENAL | 9 | 5 | 3 | 1 | 17-10 | 18 |
| 4 | ASTON WILLA | 9 | 5 | 3 | 1 | 16-11 | 18 |
| 5 | ÇELSI | 9 | 5 | 2 | 2 | 19-11 | 17 |
| 6 | BRAÝTON | 9 | 4 | 4 | 1 | 16-12 | 16 |
| 7 | N. FOREST | 9 | 4 | 4 | 1 | 11-7 | 16 |
| 8 | TOTTENHAM | 9 | 4 | 1 | 4 | 18-10 | 13 |
| 9 | BRENTFORD | 9 | 4 | 1 | 4 | 18-18 | 13 |
| 10 | FULHAM | 9 | 3 | 3 | 3 | 12-12 | 12 |
| 11 | BORNMUT | 9 | 3 | 3 | 3 | 11-11 | 12 |
| 12 | NÝUKASL | 9 | 3 | 3 | 3 | 9-10 | 12 |
| 13 | WEST HAM | 9 | 3 | 2 | 4 | 13-16 | 11 |
| 14 | M. ÝUNAÝTED | 9 | 3 | 2 | 4 | 8-11 | 11 |
| 15 | LESTER SITI | 9 | 2 | 3 | 4 | 13-17 | 9 |
| 16 | EWERTON | 9 | 2 | 3 | 4 | 10-16 | 9 |
| 17 | KRISTAL PALAS | 9 | 1 | 3 | 5 | 6-11 | 6 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 9 | 0 | 4 | 5 | 9-20 | 4 |
| 19 | W. HEMPTON | 9 | 0 | 2 | 7 | 12-25 | 2 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 9 | 0 | 1 | 8 | 6-19 | 1 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 11 |
| 2 | Brian MBEMO (Brentford) | 8 |
| 3 | Koul PALMER (Çelsi) | 7 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 7 |
| 5 | Denni WELBEK (Braýton) | 6 |

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 11 | 10 | 0 | 1 | 37-10 | 30 |
| 2 | REAL MADRID | 11 | 7 | 3 | 1 | 21-11 | 24 |
| 3 | WILÝARREAL | 11 | 6 | 3 | 2 | 20-19 | 21 |
| 4 | ATLETIKO M | 11 | 5 | 5 | 1 | 16-7 | 20 |
| 5 | ATLETIK B | 11 | 5 | 3 | 3 | 17-11 | 18 |
| 6 | BETIS | 11 | 5 | 3 | 3 | 11-9 | 18 |
| 7 | MALÝORKA | 11 | 5 | 3 | 3 | 10-8 | 18 |
| 8 | OSASUNA | 11 | 5 | 3 | 3 | 16-16 | 18 |
| 9 | R. WALLEKANO | 11 | 4 | 4 | 3 | 12-10 | 16 |
| 10 | SEWILÝA | 11 | 4 | 3 | 4 | 12-15 | 15 |
| 11 | SELTA | 11 | 4 | 1 | 6 | 17-20 | 13 |
| 12 | R. SOSIEDAD | 11 | 3 | 3 | 5 | 8-10 | 12 |
| 13 | ŽIRONA | 11 | 3 | 3 | 5 | 11-14 | 12 |
| 14 | LEGANES | 11 | 2 | 5 | 4 | 9-12 | 11 |
| 15 | HETAFE | 11 | 1 | 7 | 3 | 8-9 | 10 |
| 16 | ALAWES | 11 | 3 | 1 | 7 | 13-19 | 10 |
| 17 | ESPANÝOL | 11 | 3 | 1 | 7 | 10-19 | 10 |
| 18 | LAS PALMAS | 11 | 2 | 3 | 6 | 13-19 | 9 |
| 19 | WALÝADOLID | 11 | 2 | 2 | 7 | 9-23 | 8 |
| 20 | WALENSIÝA | 11 | 1 | 4 | 6 | 8-17 | 7 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 14 |
| 2 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 7 |
| 3 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 6 |
| 4 | RAFINÝA (Barselona) | 6 |
| 5 | Jowani LO ÇELSO (Betis) | 5 |

ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 9 | 7 | 1 | 1 | 16-5 | 22 |
| 2 | INTER | 9 | 5 | 3 | 1 | 21-13 | 18 |
| 3 | ÝUWENTUS | 9 | 4 | 5 | 0 | 15-5 | 17 |
| 4 | FIORENTINA | 9 | 4 | 4 | 1 | 20-9 | 16 |
| 5 | ATALANTA | 9 | 5 | 1 | 3 | 24-14 | 16 |
| 6 | LASIO | 9 | 5 | 1 | 3 | 17-12 | 16 |
| 7 | UDINEZE | 9 | 5 | 1 | 3 | 12-11 | 16 |
| 8 | MILAN | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-9 | 14 |
| 9 | TORINO | 9 | 4 | 2 | 3 | 15-14 | 14 |
| 10 | EMPOLI | 9 | 2 | 5 | 2 | 7-6 | 11 |
| 11 | ROMA | 9 | 2 | 4 | 3 | 9-11 | 10 |
| 12 | BOLONÝA | 8 | 1 | 6 | 1 | 9-11 | 9 |
| 13 | KOMO | 9 | 2 | 3 | 4 | 11-16 | 9 |
| 14 | KALIARI | 9 | 2 | 3 | 4 | 8-15 | 9 |
| 15 | WERONA | 9 | 3 | 0 | 6 | 13-21 | 9 |
| 16 | MONZA | 9 | 1 | 5 | 3 | 10-11 | 8 |
| 17 | PARMA | 9 | 1 | 5 | 3 | 12-14 | 8 |
| 18 | JENOA | 9 | 1 | 3 | 5 | 7-20 | 6 |
| 19 | WENESIÝA | 9 | 1 | 2 | 6 | 7-16 | 5 |
| 20 | LEÇÇE | 9 | 1 | 2 | 6 | 3-19 | 5 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 10 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 7 |
| 3 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 6 |
| 4 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 5 |
| 5 | Patrik KUTRONE (Komo) | 4 |

GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 8 | 6 | 2 | 0 | 29-7 | 20 |
| 2 | LEIPSIG | 8 | 6 | 2 | 0 | 14-3 | 20 |
| 3 | BAÝER | 8 | 4 | 3 | 1 | 20-15 | 15 |
| 4 | UNION BERLIN | 8 | 4 | 3 | 1 | 9--5 | 15 |
| 5 | FRAÝBURG | 8 | 5 | 0 | 3 | 13-11 | 15 |
| 6 | AÝNTRAHT | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-12 | 14 |
| 7 | BORUSSIÝA D | 8 | 4 | 1 | 3 | 15-14 | 13 |
| 8 | ŞTUTGART | 8 | 3 | 3 | 2 | 17-16 | 12 |
| 9 | WERDER | 8 | 3 | 3 | 2 | 14-16 | 12 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 8 | 3 | 1 | 4 | 12--11 | 10 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 8 | 3 | 1 | 4 | 11--13 | 10 |
| 12 | AUGSBURG | 8 | 3 | 1 | 4 | 12--19 | 10 |
| 13 | MAÝNS | 8 | 2 | 3 | 3 | 12--13 | 9 |
| 14 | WOLFSBURG | 8 | 2 | 2 | 4 | 15-16 | 8 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 8 | 2 | 2 | 4 | 13-17 | 8 |
| 16 | SANKT-PAULI | 8 | 1 | 2 | 5 | 5-11 | 5 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 8 | 0 | 2 | 6 | 10-23 | 2 |
| 18 | BOHUM | 8 | 0 | 1 | 7 | 7-22 | 1 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 9 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 9 |
| 3 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 6 |
| 4 | Wiktor BONIFEÝS (Baýer) | 6 |
| 5 | Loi OPENDA (Leipsig) | 5 |

FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 9 | 7 | 2 | 0 | 28-8 | 23 |
| 2 | MONAKO | 9 | 6 | 2 | 1 | 15-6 | 20 |
| 3 | MARSEL | 9 | 5 | 2 | 2 | 21-11 | 17 |
| 4 | LILL | 9 | 5 | 2 | 2 | 15-8 | 17 |
| 5 | LANS | 9 | 3 | 5 | 1 | 9--6 | 14 |
| 6 | REÝMS | 9 | 4 | 2 | 3 | 16-14 | 14 |
| 7 | LION | 9 | 4 | 2 | 3 | 16-14 | 14 |
| 8 | NISSA | 9 | 3 | 4 | 2 | 18-9 | 13 |
| 9 | STRASBUR | 9 | 3 | 4 | 2 | 19-17 | 13 |
| 10 | BREST | 9 | 4 | 1 | 4 | 13-15 | 13 |
| 11 | RENN | 9 | 3 | 2 | 4 | 13-12 | 11 |
| 12 | NANT | 9 | 2 | 4 | 3 | 11--12 | 10 |
| 13 | OSER | 9 | 3 | 1 | 5 | 13-18 | 10 |
| 14 | TULUZA | 9 | 2 | 3 | 4 | 10-11 | 9 |
| 15 | ANŽE | 9 | 1 | 4 | 4 | 10-16 | 7 |
| 16 | SENT-ETIEN | 9 | 2 | 1 | 6 | 8-24 | 7 |
| 17 | LE HAWR | 9 | 2 | 0 | 7 | 7-20 | 6 |
| 18 | MONPELIE | 9 | 1 | 1 | 7 | 8-29 | 4 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 8 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 6 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 6 |
| 4 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 5 |
| 5 | Andreý SANTOS (Strasbur) | 5 |

# «Mançester Sitini» birinji orna çykaran deňlik

**Angliýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda Londonda «Arsenal» bilen «Liwerpul» duşuşyp, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Çekeleşikli geçen oýunda «Arsenal» 2 gezek öňe saýlansa-da, myhmanlar her gezeginde jogap bermegi başardy. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda «Arsenaldan» Saka (9) bilen Merino (43), «Liwerpuldanam» Wan Deýk (18) bilen Salah (81) tapawutlandy. Bukaýe Saka çempionatda 50-nji goluny geçirdi. «Southemptony» Erling Holannyň 5-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Mançester Siti» sanawyň 1-nji ornuna beýgeldi. «Çelsi» öz meýdançasynda Jekson hem-de Palmeriň gollary bilen «Nýukasldan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Şol hasap «West Ham» bilen «Mançester Ýunaýtediň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, londonlylar ýeňşini baýram etdi. «Tottenhamy» Matetanyň 31-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Kristal Palas» möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy. 7 goluň geçirilen oýnunda «Brentford» öz meýdançasynda Mbemonyň 90+6-njy minutda salan pökgüsi esasynda «Ipswiçi» 4–3 hasabynda utdy.



**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Bohumyň» derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollary Olise (6), Musiala (26), Keýn (58), Sane (65) hem-de Koman (71) geçirdi. «Bawariýa» bilen bir hatarda, ýeňlişsiz barýan «Leipsig» topary öz meýdançasynda «Fraýburgy» Orbanyň Gertruidanyň hem-de Opendanyň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňdi. Soňky çempion «Baýer» myhmançylykda «Werder» bilen duşuşyp, bu sapar 90-njy minutda ýeňşi elden gideren tarap 2 gezek öňe saýlanan lewerkuzenliler boldy. Dortmundyň «Borussiýasy» bolsa myhmançylykda utuk ýitirmegini dowam edýär. Myhmançylykda «Augsburg» bilen duşuşan «Borussiýa Dortmund» Maleniň goly bilen öňe geçse-de, Klod-Morisiň gollaryna alaç tapyp bilmedi.





**Fransiýanyň çempionatynda** «Le Klassik» derbisinde PSŽ myhmançylykda «Marseli» 3–0 hasabynda ýeňdi. Parižlilere ýeňiş getiren gollary 1-nji ýarymda Neweş (7), Balerdi (29 ö.d.) hem-de Barkola (40) geçirdi. «Marsel» toparynda 20-nji minutda Amin Arit gyzyl kart aldy. Myhmançylykda «Nissadan» 2–1 hasabynda asgyn gelen «Monako» hem çempionatda şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Monako» topary 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnady. Bu tapgyrdan soň «Ligue 1»-de ýeňilmän gelýän diňe PSŽ topary galdy.

# «Altyn top» baýragynyň ýeňijisi Winisius Junior däl-de, Rodri boldy

**Futbolçylar üçin iň abraýly şahsy baýrak hasaplanýan «Altyn top» baýragynyň, ýagny «Ballon d'Or»-yň bu ýylky ýeňijileri mälim edildi. Şol mynasybetli Fransiýanyň paýtagty Parižďäki Şatle teatrynda dabara geçirildi. Gyzyl halydan geçişlik bilen başlanan dabara futbol äleminiň öňki-soňky ýyldyzlary, tälimçiler, klublaryň ýolbaşçylary we başga-da birnäçe görnükli adamlar gatnaşdylar.**













Dünýä belli «France Football» žurnaly tarapyndan 1956-njy ýyldan bäri gowşurylyp gelinýän baýraga bu ýyl «Mançester Sitiniň» ispaniýaly futbolçysy Rodri, doly ady Rodrigo Hernandes Kaskante laýyk görüldi. Oňa baýragy «Altyn topy» 1995-nji ýylda gazanan ilkinji afrikaly futbolçy bolan liberiýaly Jorj Wea gowşurdy. 28 ýaşyndaky futbolçy «Real Madridiň» 3 futbolçysyny Winisius Junioryň, Jud Bellingamy, Dani Karwahaly yzda galdyryp, bu hormata mynasyp boldy. Rodri bu baýragy irki ýyllarda alan Alfredo Di Stefanio hem-de Luis Suaresden soň gazanan 3-nji ispan futbolçysy, şol sanda ilkinji «Mançester sitili» oýunçy hökmünde hasaba alyndy. Umumylykda, ispan futbolçylary bu baýragy 4-nji gezek almagy başardy. Şeýle-de, 64 ýyldan soň «Altyn topy» alan ispaniýaly oýunçy bolan Rodri baýragy soňky 17 ýylda Lionel Messi we Kristiano Ronaldodan daşgary alan 3-nji futbolçy diýlip bellendi (Luka Modriç, Karim Benzema). Rodri 2008-nji ýyldan soň bu baýragy alan «Premier Liganyň» ilkinji futbolçysy boldy.

### Ýamal iň ökde ýaş futbolçy

● Ýaş futbolçylara berilýän Kopa baýragyna garaşylyşy ýaly «Barselonanyň» ispaniýaly futbolçysy Lamin Ýamal mynasyp boldy. Bu ugurda Arda Güler 2-nji, Kobbi Maýnu 3-nji ýeri eýeledi. Ýamal baýragy alan 3-nji ispaniýaly futbolçydyr.

### Ýaşin baýragy ýene-de Martinesiňki

● Ýylyň iň ökde derwezeçisini kesgitleýän Ýaşin baýragynyň ýeňijisi üýtgemedi. Argentinaly Emiliano Martines 2019-njy ýyldan bäri gowşurylýan bu baýragy 2-nji gezek almagy başardy. Baýragy watandaşy Lautara Martinesiň elinden alan Emiliano Martines bu ugurda ispaniýaly Unaý Simon hem-de ukrainaly Andreý Luninden öňe saýlandy.

### Keýn bilen Mbappe baýragy paýlaşdylar

● Ýylyň iň öňe saýlanan hüjümçisine, has takygy, iň köp gol geçiren hüjümçä gowşurylýan Gerd Müller baýragy bu gezek 2 futbolça berildi. Baýragy ähli ýaryşlary alanyňda, 52 gol geçiren angliýaly Harri Keýn («Bawariýa») bilen fransiýaly Kilian Mbappe (PSŽ/«Real Madrid») paýlaşdylar.

Sokrates baýragynyň bu ýylky eýesi ispaniýaly zenan futbolçy Jennifer Hermoso bolup, ol Meksikanyň «Tigers UANL» toparynda oýnaýar. 3-nji gezek gowşurylýan bu sylag ynsanperwerlik işlerine gatnaşýan futbolçylara berilýär.

Ýylyň iň ökde tälimçisine berilýän Ýohan Kroýff baýragynyň ilkinji ýeňijisi «Real Madridiň» italiýaly tälimçisi Karlo Ançelotti boldy. Ol bu ugurda ispaniýaly kärdeşleri Habi Alonso bilen Luis de la Fuenteni yzda galdyrdy. Baýragyň ýeňijisini Ýohan Kroýffuň ogly Ýordi Kroýff bilen şägirdi Hristo Stoýçkow yglan etdi. Ýöne Karlo Ançelotti, şol sanda «Real Madridden» ýeke wekil bu dabara gatnaşmady. Ispan kluby «Altyn top» baýragyny Winisius Junioryň ýada Dani Karwahalyň almalydygyny öňe sürüp, öz nägileliklerini dabara gatnaşman görkezdiler.

Erkekleriň arasynda ýylyň iň gowy futbol kluby diýlip «Real Madrid» topary saýlandy. «Bundesliganyň» 2 wekilini – «Baýer», «Borussiýa Dortmund» yzda galdyran «Real Madrid» topary baýragyň ilkinji eýesi boldy.

### Bassyr 2-nji gezek

● Zenanlaryň arasynda «Altyn top» baýragynyň bu ýylky ýeňijisi üýtgemän, ýene-de «Barselona» toparynyň ispan ýyldyzy Aitana Bonmati saýlandy. 26 ýaşyndaky ýarymgoragçy topardaşlary — norwegiýaly Karolin Grem Hansenden hem-de bu gezegem 3-nji ýeri eýelän ispaniýaly Salma Paralýuelodan köp ses almagy başardy. Bonmati 6-njy gezek berilýän bu baýragy watandaşy hem topardaşy Aleksia Putelýasdan soň yzly-yzyna 2 sapar gazanan 2-nji futbolçy boldy.

Zenanlar futbolynyň iň ökde tälimçisi baýragyna – Ýohan Kroýff baýragyna angliýaly Emma Haýz laýyk görüldi. 48 ýaşyndaky tälimçi geçen möwsümde «Çelsi» klubuna tälim berip, ol häzirki wagtda ABŞ-nyň ýygyndysynyň baş tälimçisi bolup işleýär. Bu baýrak ilkinji gezek berildi.

Edil şonuň ýaly, ilkinji gezek sanawa alnan zenan futbolynda ýylyň iň gowy kluby baýragyna «Barselona» topary mynasyp boldy. «Çelsi» we «Lion» klublaryny yzda galdyran «Barselona» geçen möwsümde Çempionlar Ligasyny, «La Liganyň» çempionlygyny, Ispaniýanyň Kubogyny, Ispaniýanyň Super Kubogyny gazanypdy.

### Baýrak barada gyzykly maglumatlar

● «Altyn top» baýragy 1956-njy ýyldan bäri yzygiderli gowşurylyp gelinýär. Baýrak diňe 2020-nji ýylda pandemiýa sebäpli hiç kime berilmedi. Baýrak 2010-2015-nji ýyllar aralygynda FIFA bilen birleşip, FIFA Ballon d'Or ady bilen gowşurylýar. 1995-nji ýyla çenli baýrak diňe ýewropaly futbolçylara berilýär. 1995-nji ýylda baýragyň ýeňijisi liberiýaly Jorj Wea «Altyn topy» gazanan ilkinji ýewropaly däl futbolçy bolýar.

Baýragyň ilkinjisine angliýaly Stenli Mattýuws mynasyp bolýar. Soňra Alfredo Stefano baýragy 2 gezek alan ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alynýar (1957, 1959). 1963-nji ýylda baýragy gazanan ozalky SSSR-li Lew Ýaşin «Altyn topy» alan ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk derwezeçi bolýar.

Ýohan Kroýff baýragy 3 gezek alan ilkinji oýunçydyr (1971, 1973, 1974). Ol baýragy yzly-yzyna 2 gezek (2-3-nji «Altyn topy») alan ilkinji futbolçydyr. Fransiýaly Mişel Platini bolsa baýragy yzly-yzyna 3 gezek gazanan ilkinji futbolçy hökmünde adyny taryha ýazdyrýar. Kroýff we Platiniden soň «Altyn topy» 3 gezek niderland futbolçy Marko Wan Basten alýar. Kroýff, Platini hem-de Wan Basten super ýyldyzlar Messi we Ronaldodan öň baýragy 3 gezek alan 3 futbolçydyr. Alfredo Di Stefanio, Frans Bekkenbauer, Kewin Kigan, Karl-Haýns Rummenigge hem-de Ronaldo Luiz Nazario dagy baýragy 2 gezek gazanýar.

Žýust Fonten, Ferens Puşkaş, Uwe Siler, Amansio, Jasinta Fakketti, Jiji Riwa, Sandro Mazzola, Bernd Şuster, Pol Braýtner, Emilio Butraguenýo, Frank Riikard, Franko Barezi, Paolo Maldini, Dennis Bergkamp, Andres Iniesta, Hawi Hernandes, Antuan Grizmann ýaly ýyldyz oýunçylar ençeme gezek dalaşgär bolsada, olara baýragy gazanmak miýesser etmeýär.

Messi 3 dürli klub bilen gazanan ýeke-täk futbolçydyr. Ronaldo iň köp dalaşgär görkezilen oýunçy bolup, ol 18 gezek dalaşgärlige hödürlenýär. Messi 16 gezek dalaşgär boldy. Paolo Maldininiň 13 dalaşgärligi bolup, ol ýeke gezek hem baýragy gazanyp bilmedi. Ol baýragy alyp bilmedikleriň arasynda iň köp dalaşgär görkezilen oýunçydyr.

«Altyn top» baýragyny iň köp argentinalylar, has takygy, diňe Lionel Messiniň özi 8 gezek alyp, ol beýleki ýurtlardan öňde barýar. Fransiýadan hem-de Germaniýadan 5 futbolçy, Niderlandlardan 3, Portugaliýadan 3 futbolçy 7 gezek «Altyn topy» gazandy. Italiýadan 5 futbolçy, Braziliýadan hem-de Angliýadan 4 futbolçy jemi 5 gezek bu baýraga laýyk görüldi. Ispaniýadan 3 futbolçy 4, ozalky SSSR-denem 3 futbolçynyň hersi 1 gezek «Altyn top» baýragyny eýeledi.

Klublaryň arasynda «Real Madrid» bilen «Barselona» öňdeligi eýeläp, her toparyň oýunçylary 12 gezek «Altyn topy» gazandylar. «Realdan» 8, «Barselonadan» 6 futbolçy bu hormata mynasyp boldy. «Ýuwentus» bilen «Milanyň» hersinden 6 futbolçy 8 gezek bu sanawa goşuldy. «Bawariýanyň» 3 futbolçysy 5 gezek, «Mançester Ýunaýtediňem» 4 futbolçysy hersi 1, jemi 4 sapar «Altyn top» baýragy bilen sylaglandy.

Eger baýrak başdan bäri diňe ýewropalylara däl, beýleki yklymlaryň oýunçylaryna hem berlen bolsa-da, onda futbolyň şasy, braziliýaly Pele Altyn topy 7 gezek, Diego Maradona bolsa azyndan 2 sapar, şol sanda Garrinça, Mario Kempeş, Romario ýaly futbolçylar hem alyp bilerdi.






### «ALTYN TOP» BAÝRAGYNYŇ ÝEŇIJILERI

| | |
|---|---|
| 1956 | Stenli Mattýuws (Angliýa) — Bläkpul |
| 1957 | Alfredo Di Stefano (Ispaniýa) — Real Madrid (1) |
| 1958 | Raýmond Kopa (Fransiýa) — Real Madrid |
| 1959 | Alfredo Di Stefano (Ispaniýa) — Real Madrid (2) |
| 1960 | Luis Suares (Ispaniýa) — Barselona |
| 1961 | Omar Siwori (Italiýa) — Ýuwentus |
| 1962 | Ýosef Masopust (Çehoslowakiýa) — Dukla Praga |
| 1963 | Lew Ýaşin (SSSR) — Dinamo Moskwa |
| 1964 | Denis Law (Şotlandiýa) — Mançester Ýunaýted |
| 1965 | Eýsebio (Portugaliýa) — Benfika |
| 1966 | Bobbi Çarlton (Angliýa) — Mançester Ýunaýted |
| 1967 | Florian Albert (Wengriýa) — Ferenswaroş |
| 1968 | Jorj Best (D. Irlandiýa) — Mançester Ýunaýted |
| 1969 | Janni Riwera (Italiýa) — Milan |
| 1970 | Gerd Müller (Germaniýa) — Bawariýa |
| 1971 | Ýohan Kroýff (Niderlandlar) — Aýaks |
| 1972 | Frans Bekkenbauer (Germaniýa) — Bawariýa |
| 1973 | Ýohan Kroýff (Niderlandlar) — Barselona (2) |
| 1974 | Ýohan Kroýff (Niderlandlar) — Barselona (3) |
| 1975 | Oleg Blohin (SSSR) — Dinamo Kiýew |
| 1976 | Frans Bekkenbauer (Germaniýa) — Bawariýa (2) |
| 1977 | Allan Simonsen (Daniýa) — Borussiýa M |
| 1978 | Kewin Kigan (Angliýa) — Hamburg (1) |
| 1979 | Kewin Kigan (Angliýa) — Hamburg (2) |
| 1980 | Karl-Haýns Rummenigge (Germaniýa) — Bawariýa (1) |
| 1981 | Karl-Haýns Rummenigge (Germaniýa) — Bawariýa (2) |
| 1982 | Paolo Rossi (Italiýa) — Ýuwentus |
| 1983 | Mişel Platini (Fransiýa) — Ýuwentus |
| 1984 | Mişel Platini (Fransiýa) — Ýuwentus |
| 1985 | Mişel Platini (Fransiýa) — Ýuwentus |
| 1986 | Igor Belanow (SSSR) — Dinamo Kiýew |
| 1987 | Ruud Gullit (Niderlandlar) — Milan |
| 1988 | Marko wan Basten (Niderlandlar) — Milan |
| 1989 | Marko wan Basten (Niderlandlar) — Milan |
| 1990 | Lotar Matteus (Germaniýa) — Inter |
| 1991 | Žan-Pier Papen (Fransiýa) — Marsel |
| 1992 | Marko wan Basten (Niderlandlar) — Milan |
| 1993 | Roberto Bajjo (Italiýa) — Ýuwentus |
| 1994 | Hristo Stoýçkow (Bolgariýa) — Barselona |
| 1995 | Jorj Wea (Liberiýa) — Milan |
| 1996 | Mattias Sammer (Germaniýa) — Borussiýa D |
| 1997 | Ronaldo (Braziliýa) — Inter |
| 1998 | Zinedin Zidan (Fransiýa) — Ýuwentus |
| 1999 | Riwaldo (Braziliýa) — Barselona |
| 2000 | Luis Figo (Portugaliýa) — Real Madrid |
| 2001 | Maýkl Owen (Angliýa) — Liwerpul |
| 2002 | Ronaldo (Braziliýa) — Real Madrid |
| 2003 | Pawel Nedwed (Çehiýa) — Ýuwentus |
| 2004 | Andreý Şewçenko (Ukraina) — Milan |
| 2005 | Ronaldinio (Braziliýa) — Barselona |
| 2006 | Fabio Kannawaro (Italiýa) — Real Madrid |
| 2007 | Kaka (Braziliýa) — Milan |
| 2008 | Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) — Mançester Ýunaýted (1) |
| 2009 | Lionel Messi (Argentina) — Barselona (1) |
| 2010 | Lionel Messi (Argentina) — Barselona (2) |
| 2011 | Lionel Messi (Argentina) — Barselona (3) |
| 2012 | Lionel Messi (Argentina) — Barselona (4) |
| 2013 | Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) — Real Madrid (2) |
| 2014 | Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) — Real Madrid (3) |
| 2015 | Lionel Messi (Argentina) — Barselona (5) |
| 2016 | Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) — Real Madrid (4) |
| 2017 | Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) — Real Madrid (5) |
| 2018 | Luka Modriç (Horwatiýa) — Real Madrid |
| 2019 | Lionel Messi (Argentina) — Barselona (6) |
| 2021 | Lionel Messi (Argentina) — PSŽ (7) |
| 2022 | Karim Benzema (Fransiýa) — Real Madrid |
| 2023 | Lionel Messi (Argentina) — Inter Maýami (8) |
| 2024 | Rodri (Ispaniýa) — Mançester Siti |

# Ýewropa Ligasynda 3-nji duşuşyklar

UEFA Ýewropa Ligasynda 3-nji duşuşyklar oýnalyp, «Lasio», «Anderleht» hem-de «Tottenham» toparlary utuklaryny 9-a çykardylar. Sanawyň lideri «Lasio» myhmançylykda «Twenteni» Pedro we Isakseniň gollary esasynda 2-0 hasabynda utdy. Şol hasap bilen «Anderleht» hem öz meýdançasynda «Ludogoresden» üstün çykdy. «Tottenham» topary-da Rişarlisonyň penaltiden geçiren ýeke-täk goly bilen Niderlandlaryň AZ toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Tapgyryň iň köp golly duşuşygynda «Galatasaraý» öz meýdançasynda «Elfsborgy» 4-3 hasabynda ýeňmegi başardy.



***Ýewropa Ligasynda 3-nji tapgyryň duşuşyklarynyň netijeleri:***

Galatasaraý – Elfsborg: 4-3, Braga – Bude-Glimt: 1-2, Roma – Dinamo Kiýew: 1-0, Aýntraht – RFS: 1-0, Midtýullan – Ýunion Sent-Žilluaz: 1-0, Ferenswaroş – Nissa: 1-0, Makkabi T. – R. Sosiedad: 1-2, PAOK – Wiktoriýa Plzen: 2-2, Garabag – Aýaks: 0-3, Atletik – Slawiýa Praga: 1-0, Porto – Hoffenhaým: 2-0, Twente – Lasio: 0-2, Fenerbahçe – Man. Ýunaýted: 1-1, Malmö – Olimpiakos: 0-1, Lion – Beşiktaş: 0-1, Reýnjers – FKSB: 4-0, Anderleht – Ludogores: 2-0, Tottenham – AZ: 1-0

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Lasio | 3 | 3 | 0 | 0 | 9–1 | 9 |
| 2 | Tottenham | 3 | 3 | 0 | 0 | 6–1 | 9 |
| 3 | Anderleht | 3 | 3 | 0 | 0 | 6–2 | 9 |
| 4 | Aýaks | 3 | 2 | 1 | 0 | 8–1 | 7 |
| 5 | Galatasaraý | 3 | 2 | 1 | 0 | 9–6 | 7 |
| 6 | Aýntraht | 3 | 2 | 1 | 0 | 7–4 | 7 |
| 7 | Midtýullann | 3 | 2 | 1 | 0 | 4–1 | 7 |
| 8 | Atletik Bilbao | 3 | 2 | 1 | 0 | 4–1 | 7 |
| 9 | Bude-Glimt | 3 | 2 | 1 | 0 | 5–3 | 7 |
| 10 | Lion | 3 | 2 | 0 | 1 | 6–2 | 6 |
| 11 | Reýnjers | 3 | 2 | 0 | 1 | 7–4 | 6 |
| 12 | Olimpiakos | 3 | 2 | 0 | 1 | 4–2 | 6 |
| 13 | FKSB | 3 | 2 | 0 | 1 | 5–5 | 6 |
| 14 | Fenerbahçe | 3 | 1 | 2 | 0 | 4–3 | 5 |
| 15 | Porto | 3 | 1 | 1 | 1 | 7–6 | 4 |
| 16 | Slawiýa Praga | 3 | 1 | 1 | 1 | 3–2 | 4 |
| 17 | Real Sosiedad | 3 | 1 | 1 | 1 | 4–4 | 4 |
| 18 | Hoffenhaým | 3 | 1 | 1 | 1 | 3–3 | 4 |
| 19 | Roma | 3 | 1 | 1 | 1 | 2–2 | 4 |
| 20 | Wiktoriýa Plzen | 3 | 0 | 3 | 0 | 5–5 | 3 |
| 21 | Mançester Ýunaýted | 3 | 0 | 3 | 0 | 5–5 | 3 |
| 22 | Elfsborg | 3 | 1 | 0 | 2 | 6–7 | 3 |
| 23 | Ferenswaroş | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–4 | 3 |
| 24 | AZ Alkmaar | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–5 | 3 |
| 25 | Malmö | 3 | 1 | 0 | 2 | 2–4 | 3 |
| 26 | Braga | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–6 | 3 |
| 27 | Beşiktaş | 3 | 1 | 0 | 2 | 2–7 | 3 |
| 28 | Twente | 3 | 0 | 2 | 1 | 2–4 | 2 |
| 29 | Ýunion Sent-Žilluaz | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–3 | 1 |
| 30 | PAOK | 3 | 0 | 1 | 2 | 3–6 | 1 |
| 31 | RFS | 3 | 0 | 1 | 2 | 3–7 | 1 |
| 32 | Nissa | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–6 | 1 |
| 33 | Ludogores Razgrad | 3 | 0 | 1 | 2 | 0–4 | 1 |
| 34 | Makkabi Tel Awiw | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–6 | 0 |
| 35 | Dinamo Kiýew | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–6 | 0 |
| 36 | Garabag | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–8 | 0 |




